# TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:
## – TÜRKMENISTAN HALKARA ÜSTAŞYR ULAG GEÇELGELERINI ÖSDÜRMEK UGRUNDA NETIJELI IŞLERI ALYP BARÝAR. ÝURDUMYZYŇ NEBITGAZ TOPLUMY HEM-DE ENERGETIKA PUDAGY DÖWREBAP ÖSDÜRILÝÄR, SANLY ULGAMYŇ MÜMKINÇILIKLERI GIŇDEN ORNAŞDYRYLÝAR.


ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA
TÜRKMENISTAN
13-nji sentýabr, 2024. Belgisi 37/1603




# Türkmen-owgan gatnaşyklaryny has-da ösdürjek möhüm taslamalar işe girizildi

11-nji sentýabrda Serhetabat–Turgundy demir ýol geçelgesiniň türkmen-owgan serhedindäki uzynlygy 177 metrlik demir ýol köprüsiniň açylyş dabarasy, Mary welaýatynda «Şatlyk-1» gaz gysyjy desgasynyň düýbüni tutmak, Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan transmilli gaz geçirijisiniň taslamasynyň Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat–Hyrat gaz geçirijisiniň, Serhetabat–Hyrat optiki-süýümli aragatnaşyk geçirijisiniň, «Turgundy» demir ýol bekediniň «gury portunda» ammarlar toplumynyň, Turgundy–Hyrat demir ýolunyň birinji tapgyrynyň Turgundy–Sanabar böleginiň gurluşyk işlerine badalga bermek, şeýle hem Türkmenistan–Owganystan–Pakistan elektrik geçirijisiniň taslamasynyň birinji tapgyryny durmuşa geçirmegiň çäklerinde Owganystanyň Hyrat welaýatynda ýerleşýän «Nur-el-Jahad» elektrik bekedini işe girizmek dabaralary geçirildi. Dabaralara hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow, şeýle hem Owganystanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň wezipesini ýerine ýetiriji Molla Mohammad Hasan Ahund gatnaşdylar.

Ir bilen türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Mary welaýatynyň Tagtabazar etrabynyň Serhetabat şäheriniň «Islim-Çeşme» serhet nokadyna geldi. Bu ýerde Owganystanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň wezipesini ýerine ýetiriji Molla Mohammad Hasan Ahundyň duşuşygy boldy.

Goňşy döwletiň Hökümetiniň ýolbaşçysy hoşniýetli kabul edilendigi hem-de myhmansöýerlik üçin milli Liderimize tüýs ýürekden hoşallygyny beýan edip, şu günki taryhy wakalaryň Owganystan bilen Türkmenistanyň arasyndaky hoşniýetli goňşuçylyk däplerine esaslanýan hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de pugtalandyrmakdaky möhüm ähmiýetini belledi. Şunuň bilen baglylykda, Gahryman Arkadagymyza hem-de hormatly Prezidentimize bu ugurda alyp barýan asylly işleri üçin hoşallyk beýan edildi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow hoşniýetli sözler üçin minnetdarlyk bildirip, goňşy ýurduň Hökümetiniň ýolbaşçysyny gadymy türkmen topragynda görýändigine şatdygyny aýtdy. Iki dostlukly ýurduň gatnaşyklary özara hormat goýmak, hoşniýetli goňşuçylyk, dost-doganlyk ýörelgelerine daýanýar. Munuň özi bilelikdäki giň möçberli taslamalaryň amala aşyrylmagynda, hususan-da, ulag-kommunikasiýa, ýangyç-energetika ugurlarynda taslamalaryň durmuşa geçirilmeginde öz aýdyň beýanyny tapýar.

Ynanyşmak we netijeli häsiýetde geçen duşuşygyň dowamynda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň beýleki möhüm meseleleri barada-da pikir alşyldy.

Soňra Gahryman Arkadagymyz hem-de Owganystanyň Hökümetiniň ýolbaşçysy täze infrastruktura desgalarynyň açylyşy we gurluşygyna badalga berilmegi mynasybetli dabaralara gatnaşdylar. Bu desgalar asyrlaryň dowamynda kemala gelen, häzirki taryhy döwürde täze many-mazmun bilen baýlaşdyrylyp, mynasyp dowam etdirilýän türkmen-owgan hoşniýetli goňşuçylyk we doganlyk gatnaşyklarynyň aýdyň nyşany bolup durýar.

Milli däp-dessurlarymyza laýyklykda, Türkmenistanyň müftüsi aýat-töwir okaýar.

Soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly dabaralara gatnaşyjylara hem-de ähli ildeşlerimize ýüzlendi.

Biz bu gün goňşy we sebit döwletleriniň halkyna hyzmat etjek Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisiniň esasy tapgyry bolan Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat–Hyrat gaz geçirijisiniň hem-de Türkmenistan–Owganystan–Pakistan ugry boýunça elektrik, ulag-aragatnaşyk ulgamlarynyň gurluşygyna badalga bermek dabaralaryna gatnaşýarys diýip, döwlet Baştutanymyz belledi. ■ 2

# Türkmenistan-BMG: ählumumy durnukly ösüş üçin hyzmatdaşlyk



Indi 30 ýyldan gowrak wagt bäri Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň doly hukukly we işjeň agzasy hökmünde onuň Tertipnamasynyň ýörelgeleriniň durmuşa geçirilmegine möhüm goşant goşmagyny dowam etdirip gelýär. Parahatçylykly ýaşamagyň, öňüni alyş diplomatiýasynyň, deňhukukly dialogyň ähmiýetini öňe sürýän Türkmenistan halkara giňişlikde hemişe netijeli hyzmatdaşlygyň tarapdary bolup çykyş edýär. 2025-nji ýylda Bitaraplygyň 30 ýyllygyny dabaraly bellemäge, şeýle hem BMG-niň Baş Assambleýasynyň geljek ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek hakynda Kararnamasyny durmuşa geçirmäge taýýarlyk görüp, Türkmenistan hyzmatdaşlar bilen işjeň gatnaşyklaryny dowam etdirýär.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasyna işjeň taýýarlyk görýär. Durnukly ösüş maksatlarynyň 17-sini resmi taýdan kabul eden we olary durmuş-ykdysady ösüşiň milli meýilnamalaryna, strategiýalaryna uýgunlaşdyran ýurt hökmünde Türkmenistan jemgyýetçilik durmuşynyň ähli möhüm ugurlarynda köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de güýçlendirmäge çagyrýar. ■ 2

# Şanly toýuň bosagasyndaky döwletli maslahat



**Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly syýasaty netijesinde ösüş ýoly bilen beýik geljege tarap ynamly öňe barýar. Ata Watanymyzyň her bir güni şanly wakalara beslenýär. Hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ajaýyp ýörelgesine esaslanýan maksatnamalaryň üstünlikli amala aşyrylmagy netijesinde halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi yzygiderli ýokarlanýar. Ýurdumyzda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllyk baýramy mynasybetli geçiriljek giň gerimli dabaralara taýýarlyk görülýär. Halkymyzyň asylly däplerinden ugur alnyp, bu şanly sene zähmet ýeňişleri, täze binagärlik açylyşlary, durmuşyň ähli ulgamlaryndaky üstünlikler bilen garşylanylýar. Garaşsyzlyk baýramynyň öň ýanynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň Kararyna laýyklykda, Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi hem geçiriler. Häzirki wagtda ýurdumyzda bu umumymilli foruma ýokary derejede taýýarlyk görülýär.**

**Şu ýerde biz bir zady aýratyn bellemek isleýäris. Ýurdumyz Garaşsyzlygyny alan gününden bäri döwlet häkimiýet edaralarynyň ulgamy hem döwre görä yzygiderli kämilleşdirilip gelinýär.** ■ 2

# Ýurdumyzda pagta ýygymyna badalga berildi

**11-nji sentýabrda hormatly Prezidentimiziň ak patasy bilen ýurdumyzyň ähli welaýatlarynda möhüm oba hojalyk möwsümi bolan pagta ýygymyna badalga berildi. 6-njy sentýabrda sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde döwlet Baştutanymyz gowaça ösdürip ýetişdirýän daýhanlara we ähli oba hojalyk işgärlerine işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.**

Hormatly Prezidentimiziň tabşyrygyna laýyklykda, pagta ýygymy möwsüminiň sazlaşykly işini yzygiderli üpjün etmek üçin ýerlerde ulanylýan tehnikalara gije-gündizleýin tehniki hyzmatlar ýola goýuldy, mehanizatorlaryň, sürüjileriň we pagtany el bilen ýygmaga gatnaşýanlaryň öndürijilikli işlemekleri, doly derejeli dynç almaklary üçin ähli zerur şertler döredildi.



Ýurdumyzyň welaýatlarynyň Türkmenistanyň Döwlet baýdagy, halylar we şygarlar bilen bezelen pagta kabul ediş bölümlerine, pagta arassalaýjy zawodlaryna üsti «ak altyn» bilen doldurylan awtoulaglaryň hem-de tirkegli traktorlaryň ilkinji kerwenleri geldi. Halkymyzyň asylly däbine görä, hormatly ýaşulular hasylyň ýygnalyp başlanmagyna ak pata berip, Beýik Biribardan hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda täze zähmet ýeňişlerine tarap öňe barýan Watanymyzyň, mähriban halkymyzyň abadançylygyny dileg etdiler.

Dabaralaryň çäklerinde oba hojalyk tehnikalarynyň, obasenagat pudagynyň gaýtadan işlenen harytlarynyň, dokma senagaty önümleriniň sergileri ýaýbaňlandyryldy. Aýdymçy-sazandalar, tans, folklor toparlary konsert maksatnamalary bilen çykyş etdiler. Bereketli pagta hasylyny ýetişdiren önümçiligiň öňdebaryjylaryna — iň oňat pagtaçy kärendeçilere hormatly Prezidentimiziň adyndan gymmat bahaly sowgatlar gowşuryldy.

# Türkmenistanyň maýa goýum forumy geçirildi

**10-11-nji sentýabrda paýtagtymyzda Türkmenistanyň maýa goýum forumy hem-de ugurdaş sergi, ýurdumyzyň ykdysadyýetine ýokary tehnologiýalary we innowasiýalary çekmek boýunça halkara maslahat, «HI-TECH Türkmenistan — 2024» atly sergi geçirildi. Daşary işler, Maliýe we ykdysadyýet ministrlikleriniň hem-de Söwda-senagat edarasynyň bilelikde guramagynda geçirilýän giň gerimli işewürlik çäreleriniň gün tertibine ýurdumyzda iri taslamalary durmuşa geçirmek we bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmek bilen baglanyşykly meseleler girizildi.**



Forumyň işine dünýäniň abraýly bilermenleri, öňdebaryjy milli we halkara nebitgaz, energetika, gurluşyk, ulag-kommunikasiýa kompaniýalarynyň, halkara guramalaryň, maliýe düzümleriniň, ylmy merkezleriň ýolbaşçylarydyr wekilleri gatnaşdylar. Şeýle hem maslahata türkmen tarapyndan ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, banklaryň, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň ýolbaşçylary gatnaşdylar.

Hormatly Prezidentimiz maýa goýum forumynda sanly ulgam arkaly çykyş etdi. Ýurdumyzyň nebitgaz toplumy hem-de energetika pudagy döwrebap ösdürilýär, sanly ulgamyň mümkinçilikleri giňden ornaşdyrylýar. Diýarymyzda gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri bolan Günden we ýelden elektrik energiýasyny almagyň taslamalary durmuşa geçirilýär. Şeýle hem ýokary tehnologiýalara esaslanýan, bäsdeşlige ukyply önümleri öndürmäge gönükdirilen giň gerimli maýa goýum taslamalarymyz bar diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we foruma gatnaşyjy daşary ýurtly wekilleri Türkmenistanda nebitgaz, himiýa, energetika, ulag-aragatnaşyk, oba hojalyk pudaklarynda durmuşa geçirilýän taslamalara gatnaşmaga çagyrdy.

Soňra maýa goýum forumyna gatnaşyjylar bu ýerde ýaýbaňlandyrylan giň gerimli sergi bilen tanyşdylar. Sergide sanly ulgam arkaly beýan edilýän maglumatlar we önümleriň köpdürlüligi ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň esasy pudaklarynyň eksport mümkinçiliklerini, daşary ýurt maýadarlarynyň geljegi uly türkmen bazarynda eýeleýän ornuny berkitmäge bolan gyzyklanmalaryny artdyrmak, halkara hyzmatdaşlygy yzygiderli işjeňleşdirmek ugrunda ägirt uly mümkinçilikleriň bardygyny giňden görkezýär.

TIF-2024 ýurduň we sebitiň ykdysady ösüşiniň ileri tutulýan meselelerini maslahatlaşmak üçin giň meýdança öwrüldi. Wekiller energetika, ulag, oba hojalygy we sanly ykdysadyýet ulgamlarynda Türkmenistanyň geljegi uly maýa goýum mümkinçilikleri barada maglumat aldylar.

Halkara maýa goýum forumynyň çäklerinde ikitaraplaýyn duşuşyklar geçirilip, olaryň barşynda özara bähbitli gatnaşyklary ýola goýmak üçin geljegi uly ugurlar kesgitlenildi.

***

Şol günler Türkmenistanyň maýa goýum forumynyň we ugurdaş sergileriň çäklerinde Ylymlar akademiýasynyň Halkara ylmy-tehnologiýa parkynda Türkmenistanyň ykdysadyýetine ýokary tehnologiýalary we innowasiýalary çekmek boýunça halkara maslahat hem-de sergi geçirildi. Iki günläp dowam eden wekilçilikli forum Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe döredijilik, ykdysady ösüş, abadançylyk ýoly bilen ynamly öňe barýan Watanymyzyň üstünliklerini açyp görkezmäge gönükdirilendir.

Foruma ýurdumyzyň döwlet we hususy düzümleri, dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalary, hususan-da, ýokary tehnologik enjamlary öndürijiler, Koreýa Respublikasyndan, Hytaý Halk Respublikasyndan, Russiýa Federasiýasyndan, Özbegistandan, Gyrgyzystandan, Türkiýeden, Eýran Yslam Respublikasyndan, Germaniýa Federatiw Respublikasyndan, Beýik Britaniýadan, Şwesiýadan we beýleki ýurtlardan ýokary tehnologiýalary, programma üpjünçiligini işläp taýýarlaýjylar gatnaşdylar.

## Çarwadarlaryň V Bütindünýä oýunlary geçirildi

*8-nji sentýabrda Gazagystanyň Astana şäherinde dabaraly açylan Çarwadarlaryň V Bütindünýä oýunlary şu gün tamamlanýar.* ■ 4




## Nika ýüzügi: söýginiň we geljegiň nyşany

*Söýginiň nyşany bolan nika ýüzügini dakmak däbiniň 3 müň ýyl ozal başlandygy aýdylýar.* ■ 5



## 81-nji Wenesiýa film festiwaly tamamlandy

*Dünýäniň iň gadymy film festiwaly Wenesiýa kino şüweleňi tamamlandy.* ■ 6



## UEFA-nyň klub ýaryşlarynyň täze formatdaky ilkinji möwsümi

8



# Türkmen-owgan gatnaşyklaryny has-da ösdürjek möhüm taslamalar işe girizildi



**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Hormatly Prezidentimiz hemmeleri bu şatlykly wakalar bilen gutlap, türkmen halkynyň gadymdan gelýän dost-doganlyk, hoşniýetli goňşuçylyk däplerinden ugur alyp, bu gün türkmen-owgan gatnaşyklarynyň yzygiderli ösdürilýändigini, halklarymyzyň bähbidine gönükdirilen taryhy taslamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini, şeýle giň gerimli taslamalaryň amala aşyrylmagynyň Türkmenistanyň we Owganystanyň hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň aýdyň güwäsi bolup durýandygyny nygtady.

Soňra hormatly Prezidentimiz desgalary ulanmaga bermek we düýbüni tutmak dabaralarynyň başlanýandygyny yglan etdi.

Hormatly Prezidentimiz, ilki bilen, «Türkmendemirýollary» agentliginiň başlygy A.Atamyradowa söz berdi.

Agentligiň ýolbaşçysy sanly ulgam arkaly döwlet Baştutanymyza Serhetabat—Turgundy demir ýol geçelgesiniň türkmen-owgan serhedinde gurlan, uzynlygy 177 metrlik demir ýol köprüsini işe girizmäge ak pata bermek haýyşy bilen ýüzlendi. Şeýle hem dabara Owganystanyň ugurdaş düzüminiň wekili gatnaşdy.

Hormatly Prezidentimiz türkmen-owgan hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklarynyň aýdyň nyşany bolan täze infrastruktura desgasynyň açylyşyna ak pata berdi.

Dabara gatnaşyjylaryň el çarpyşmalary astynda köpri işe girizilýär we Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň hasabyna goňşy ýurduň doganlyk halky üçin niýetlenen ynsanperwerlik ýüki ýüklenen demir ýol kerweni Owganystana tarap ugur aldy.

Soňra dabaralar «Şatlyk-1» gaz gysyjy desgasynyň düýbüniň tutulýan ýerinde dowam etdi. Mälim bolşy ýaly, 30-njy awgustda geçirilen Ministrler Kabinetiniň mejlisinde döwlet Baştutanymyz degişli Karara gol çekdi. Resminama laýyklykda, bu desganyň taslamasyny düzmek we gurmak, ony zerur enjamlar bilen üpjün etmek hem-de işe girizmek işleri «Çalik Enerji Sanayi ve Ticaret A.Ş.» kompaniýasyna ynanyldy.

Hormatly Prezidentimiz sanly ulgam arkaly döwlet ministri – «Türkmengaz» döwlet konserniniň başlygy M.Babaýewe söz berýär. Dabara «Çalik Enerji Sanayi ve Ticaret A.Ş.» kompaniýasynyň wekili hem gatnaşdy.

«Türkmengaz» döwlet konserniniň ýolbaşçysynyň haýyşy boýunça hormatly Prezidentimiz «Şatlyk-1» gaz gysyjy desgasynda gurluşyk işlerine başlamaga ak pata berýär. Täze infrastruktura desgasynyň binýadyna turba arkaly ilkinji beton garyndysy guýulýar.

Soňra «Şatlyk-1» gaz gysyjy desgasy barada gürrüň berýän wideoşekiller görkezilýär.

Soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «TAPI Pipeline Company Limited» paýdarlar kompaniýasynyň baş direktory M.Amanowa söz berýär. Dabara Owganystanyň degişli düzüminiň wekili hem gatnaşdy.

«TAPI Pipeline Company Limited» kompaniýasynyň baş direktory döwlet Baştutanymyza Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisiniň möhüm tapgyry bolan Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat–Hyrat gaz geçirijisiniň gurluşyk işlerine ak pata bermek haýyşy bilen ýüzlenýär.

Hormatly Prezidentimiz dabaraly ýagdaýda gurluşyk işlerine başlamaga ak pata berýär. Şol pursatda ýörite awtomatlaşdyrylan enjamyň kömegi bilen Serhetabat—Hyrat gaz geçirijisiniň turbasynyň ilkinji sepi kebşirlenýär. Bu görnüşler sanly ulgam arkaly göni ýaýlyma berilýär.

Soňra Türkmenistan—Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisiniň ähmiýetine bagyşlanan wideoşekiller görkezilýär.

Dabaranyň dowamynda döwlet Baştutanymyz sanly ulgam arkaly «Türkmenaragatnaşyk» agentliginiň başlygy H.Hudaýgulyýewe söz berýär. Agentligiň ýolbaşçysy hormatly Prezidentimize Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat–Hyrat optiki-süýümli aragatnaşyk geçirijisiniň gurluşyk işlerine ak pata bermek haýyşy bilen ýüzlenýär. Dabara Owganystanyň ugurdaş edarasynyň wekili hem gatnaşdy.

Hormatly Prezidentimiz bu desgada gurluşyk işlerine başlamaga ak pata berýär. Şol pursatda kabel düşeýji ýörite tehnika optiki-süýümli aragatnaşyk geçirijisini topraga düşäp başlaýar. Optiki-süýümli aragatnaşygyň aýratynlyklary bilen tanyşdyrýan wideoşekil görkezilýär.

Dabaranyň dowamynda döwlet Baştutanymyz sanly ulgam arkaly «Türkmendemirýollary» agentliginiň başlygy A.Atamyradowa ýene-de söz berýär. Dabara Owganystanyň ugurdaş edarasynyň wekili hem gatnaşdy.

«Türkmendemirýollary» agentliginiň başlygynyň haýyşy boýunça hormatly Prezidentimiz «Turgundy» demir ýol bekediniň «gury portunda» ammarlar toplumynyň gurluşyk işlerine ak pata berýär. Şol pursatda beton garyndysy turba arkaly geljekki ammarlar toplumynyň binýadyna guýlup başlaýar. Dabara gatnaşyjylara täze ugurdaş desga baradaky wideoşekiller görkezilýär.

Soňra «Türkmendemirýollary» agentliginiň başlygy döwlet Baştutanymyza Turgundy–Hyrat demir ýolunyň birinji tapgyrynyň Turgundy–Sanabar böleginiň gurluşyk işlerine ak pata bermek haýyşy bilen ýüzlenýär. Hormatly Prezidentimiziň ak patasy bilen demir ýoluň gurluşyk işlerine badalga berilýär. Ýörite tehnika ilkinji rels-şpal gözenegini demir ýol düşegine gurnap başlaýar. Soňra ulag ulgamynda we ykdysadyýetde demir ýol ulagynyň möhüm ornuna bagyşlanan wideoşekiller görkezilýär.

Döwlet Baştutanymyz elektroenergetika babatda Türkmenistan bilen Owganystanyň arasyndaky özara hyzmatdaşlygyň giň gerime eýe bolýandygyny belläp, sanly ulgam arkaly Türkmenistanyň energetika ministri A.Saparowa söz berýär. Ministr hormatly Prezidentimize «Serhetabat» elektrik bekedinden Owganystanyň Hyrat welaýatyndaky «Nur-el-Jahad» täze elektrik bekedine elektrik energiýasynyň iberilip başlanmagyna ak pata bermek haýyşy bilen ýüzlenýär. Dabara «Çalyk Holding» kompaniýalar toparynyň dolandyryjylar geňeşiniň başlygy Ahmet Çalyk we owgan tarapyndan degişli düzümiň wekili hem gatnaşdy.

Döwlet Baştutanymyz elektrik energiýasyny iberip başlamaga ak pata berýär. Elektrik energiýasy «Serhetabat» elektrik bekedinden «Nur-el-Jahad» elektrik bekedine iberilip başlanýar. Bu pursat animasion şekiller arkaly görkezilýär.

Dabaralar tamamlanandan soňra, hormatly Prezidentimiz oňa gatnaşyjylary «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda taryhy ähmiýete eýe bolan iri taslamalara badalga berilmegi hem-de desgalaryň işe girizilmegi bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlap, hemmelere berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Soňra Owganystanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň wezipesini ýerine ýetiriji Molla Mohammad Hasan Ahunda söz berilýär.

Goňşy döwletiň wekili dabara gatnaşyjylary mübärekläp, hemmeleri, şeýle hem Owganystanyň we Türkmenistanyň halklaryny bu taryhy wakalar bilen gutlady. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň, Gahryman Arkadagymyz Gurbanguly Berdimuhamedowyň taýsyz tagallalarynyň aýdyň nyşany bolan we umumy bähbitlere gönükdirilen giň möçberli taslamalaryň durmuşa geçirilmeginiň ähmiýeti aýratyn nygtaldy. Şunda TOPH taslamasynyň Arkadagyň ak ýoly bilen Serhetabat–Hyrat gaz geçirijisiniň gurluşygyna girişilmeginiň möhümdigi bellenildi. Bu taslama diňe bir gatnaşyjy ýurtlara däl, eýsem, sebitdäki ähli döwletlere hem oňyn täsirini ýetirer.

Soňra dabara gatnaşyjylara türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow ýüzlendi.

Gahryman Arkadagymyzyň belleýşi ýaly, bu gün Türkmenistanyň we Owganystanyň özara gatnaşyklarynyň sene ýazgysyna şanly sahypa bolup girer. Biz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ak patasy bilen ençeme iri möçberli taslamalaryň iş ýüzünde üstünlikli amala aşyrylýandygynyň şaýady bolýarys.

Halk Maslahatynyň Başlygy hemmeleri bu şanly wakalar bilen tüýs ýürekden gutlap, türkmen-owgan gatnaşyklarynyň gadymdan gelýän köpasyrlyk taryhy kökleriniň bardygyny, hemme döwürlerde-de özara hormat, mertebe, deňhukuklylyk, deňagramlylyk, dost-doganlyk nyşanynyň şu güne çenli dowam edip gelýändigini, bu gatnaşyklaryň häzirki döwürde täze many-mazmuna eýe bolýandygyny belledi.

Halk Maslahatynyň Başlygynyň belleýşi ýaly, türkmen we owgan taraplarynyň gatnaşmagynda möhüm ähmiýetli taslamalar amala aşyrylýar. Şolaryň hatarynda Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan gaz geçirijisiniň, Türkmenistan–Owganystan–Pakistan ugry boýunça elektrik geçiriji we optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamlarynyň gurluşygyny görkezmek bolar. Türkmen halkynyň Milli Lideri durmuşa geçirilýän täze taslamalar barada aýdyp, olaryň diňe bir türkmen-owgan gatnaşyklary üçin däl, eýsem, sebit üçinem, dünýä üçinem ähmiýetli taslamalar boljakdygyna berk ynam bildirdi. Şunuň bilen birlikde, uly ähmiýetli bu desgalaryň düýbüniň tutulmagy we ulanmaga berilmegi Owganystanyň ykdysady taýdan ösüşine kuwwatly itergi berer, senagat, durmuş üpjünçilik ulgamlarynyň netijeli işlemegine ýardam eder.

Gahryman Arkadagymyz sözüni dowam edip, hasaplamalara görä, bu taslamalar amala aşyrylanda, owgan halky üçin iň azyndan 12 müňden gowrak iş ornunyň dörejekdigini, her ýyl Owganystana ortaça 1 milliard amerikan dollaryndan gowrak serişdäniň gelip gowuşjakdygyny, munuň bolsa diňe bir türkmen-owgan gatnaşyklaryna däl, eýsem, sebite hem öz oňyn täsirini ýetirjekdigini belledi. Şoňa görä-de, bu taslamalar umumy maksada – biziň ýurtlarymyzyň uzak möhletleýin ösüşine kuwwatly itergi bermäge, sebitde durnukly ösüşi üpjün etmäge niýetlenendir. Türkmen we owgan halklarynyň gülläp ösmegine, abadançylygyna gönükdirilendir. Şonuň ýaly-da, biziň maksatlarymyz ygtybarly, çalt depginler bilen ösýän, sazlaşykly energetika, ulag we kommunikasiýa ulgamyny döretmekden ugur alýar diýip, Halk Maslahatynyň Başlygy belledi we goňşularymyza bilelikde bu taslamalary amala aşyrmaga gatnaşýandyklary üçin minnetdarlyk bildirdi.

Türkmen halkynyň Milli Lideri hemmeleri şanly wakalar bilen ýene-de bir gezek tüýs ýürekden gutlap, dabara gatnaşýan goňşularymyza, doganlarymyza, wekiliýet agzalaryna, aýratynda, ýolbaşçylaryna Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň adyndan minnetdarlyk bildirdi we hemmelere uly üstünlikleri arzuw etdi.

Täze desgalaryň işe girizilmegi, düýbüniň tutulmagy hem gurluşygyna badalga berilmegi mynasybetli toý sadakasy berildi.

## Türkmenistan-BMG: ählumumy durnukly ösüş üçin hyzmatdaşlyk

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Mälim bolşy ýaly, şu ýylyň iýunynda ýurdumyz BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň wise-başlyklygyna saýlandy.

Ýurt Garaşsyzlygynyň 33 ýyllyk baýramynyň öňüsyrasynda Birleşen Milletler Guramasynyň Nýu-Ýork şäherinde ýerleşýän ştab-kwartirasyndan hoş habar gelip gowuşdy. 6-njy sentýabrda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen hem-de Milletler Bileleşigine agza döwletleriň biragyzdan goldamagynda «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary» atly Kararnama kabul edildi. Bu resminama dünýäniň 87 döwleti awtordaş bolup çykyş etdi.

Şu ýylyň 21-nji martynda hem BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynyň 63-nji plenar mejlisinde Türkmenistan Watanymyzyň başlangyjy esasynda 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek hakynda taryhy Kararnama biragyzdan kabul edilipdi.

Häzirki wagta çenli ýurdumyzyň başlangyjy esasynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 26 Kararnamasy kabul edildi. Şunuň bilen birlikde, Türkmenistan 8 gezek Baş Assambleýanyň wise-başlyklygyna saýlanyp, BMG-niň we onuň ýöriteleşdirilen edaralarynyň 10 sany komissiýasynyň we geňeşiniň agzasy bolup durýar. Ýurdumyzda guramanyň agentlikleriniň 9-synyň wekilhanalary hereket edýär. Olaryň gatnaşmagynda häzirki wagtda BMG bilen bilelikde jemi 40-dan gowrak taslama durmuşa geçirilýär.

Ýurdumyzyň başlangyjy esasynda kabul edilen Kararnamalaryň käbirlerini mysal getirsek, 2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 71-nji mejlisinde kabul edilen, 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan etmek hakyndaky Kararnama, 2017-nji ýylyň 20-nji dekabrynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasynyň 74-nji mejlisinde kabul edilen «Durnukly ösüş maksatlaryny amala aşyrmak bilen baglylykda ulaglaryň ähli görnüşleriniň arabaglanyşygyny berkitmek» atly Kararnama, 2018-nji ýylyň 12-nji aprelinde



BMG-niň Baş Assambleýasynyň 72-nji maslahatynyň 82-nji mejlisinde kabul edilen «Birleşen Milletler Guramasynyň we Araly halas etmegiň halkara gaznasynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk» atly Kararnama, 2018-nji ýylyň 16-njy aprelinde kabul edilen «Bütindünýä welosiped gününi» bellemek hakyndaky Kararnama aýdanlarymyzy doly tassyklaýar.

Goý, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parahatçylyk we abadançylyk diplomatiýasy, Bitaraplyk, ynsanperwerlik, dost-doganlyk syýasaty hemişe dünýäde dabaralansyn!

**Hangeldi ANNAGELDIÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Şanly toýuň bosagasyndaky döwletli maslahat

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**
Bu işler ata-babalarymyzyň döwleti berkarar etmekde we dolandyrmakda toplan baý tejribesi, öňdebaryjy dünýä döwletleriniň şu ugurda gazanan üstünlikleri göz öňünde tutulyp amala aşyrylýar. Bu bolsa adamyň we raýatyň hukuklaryny, azatlyklaryny, şol sanda raýatlaryň döwleti hem-de jemgyýeti dolandyrmaga gatnaşmaga hukugyny kepillendirmäge mümkinçilik berýär. Jemgyýetde asudalygy hem-de agzybirligi üpjün etmäge, halk häkimiýetiniň, demokratik, hukuk we dünýewi döwletiň esaslaryny berkitmäge ýurduň hemmetaraplaýyn ösmegini üpjün etmäge oňaýly şertleri döredýär. Munuň özi Halk Maslahaty, Ýaşulular geňeşi ýaly demokratik düzümleriň döredilmeginde we olaryň il bähbitli işlerinde öz beýanyny tapýar.

Hormatly Prezidentimiz şu ýylyň 12-nji iýulynda geçirilen Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde Garaşsyzlyk baýramynyň öňüsyrasynda Aşgabat şäherinde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisiniň geçiriljekdigini aýdyp, ýetilen sepgitleriň, ýerine ýetirilen işleriň jeminiň jemlenjekdigini, döwrüň talaplaryndan, täze ykdysady şertlerden ugur alyp, öňde durýan möhüm wezipeleriň ara alnyp maslahatlaşyljakdygyny belledi.

Şeýlelikde, gadymdan gelýän milli demokratik ýörelgelerimiz täze many-mazmuna eýe bolýar. 24-nji sentýabrda geçiriljek ýokary wekilçilikli edara bolan Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisi halk häkimiýetiniň milli nusgasynyň, halkyň müňýyllyklara uzaýan taryhy ýolunda döwlet gurluşy we dolandyryşy babatda toplan tejribesiniň dabaralanmasyna we ata-babalarymyzdan miras galan milli demokratiýanyň kämil nusgasyna öwrüler.

Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň ýaşlara bildirýän ynamy bizi nurana geljegiň bähbidine döredijilikli zähmete, döwrebap bilim we ylym almaga ruhlandyrýar. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Ýaşlar — Watanyň daýanjy» atly ajaýyp kitaby biz – ýaşlary tutanýerli zähmet çekmäge ruhlandyrýar. Halkymyzyň abadançylygyny üpjün etmek, ýaş nesliň bagtyýar durmuşy üçin ähli şertleri döretmek barada alnyp barylýan işler adam hakyndaky aladanyň ýurdumyzda ileri tutulýandygynyň aýdyň subutnamasydyr.

Geljekki ýaş hünärmenler hökmünde biz hem hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän döwlet syýasatyny doly goldamak bilen, yhlasly okajakdygymyza we maksada okgunly zähmet çekjekdigimize ynandyrýarys. Ýurdumyzyň gülläp ösmegi, halkymyzyň bagtyýar durmuşy barada ýadawsyz alada edýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak, alyp barýan giň gerimli işleri hemişe rowaç bolsun.

**Sahawat GARRYJAÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Syýahatçylaryň sany 40 milliona ýeter

Gündogar Aziýanyň kenardaş goňşulary bolan Ýaponiýa, Hytaý we Koreýa Respublikasy öz aralarynda syýahatçylyk pudagyny has-da ösdürmegi meýilleşdirýärler. Ilkinji nobatda bu ýurtlaryň arasyndaky syýahatçylaryň sanynyň 2030-njy ýyla çenli 40 milliona ýetirilmegi maksat edinilýär. Ýaponiýanyň gury ýer, infrastruktura, ulag we syýahatçylyk ministri Saito Tetsuonyň başlyklyk etmeginde Hiogo prefekturasynyň Kobe şäherinde geçirilen maslahatda bu barada maglumat berildi. Goňşy ýurtlaryň syýahatçylyk pudagynyň gatnaşmagynda geçirilen maslahatda pandemiýadan soňra syýahatçylygyň dikelmegi, durnukly syýahatçylygyň höweslendirilmegi we iri şäherlerden uzakdaky ýerlerde syýahatçylygyň ösdürilmegi ýaly meselelere garaldy. Ýygnakda ýurtlaryň arasyndaky syýahatçylaryň sanynyň geljek ýyl 30 milliona ýetirilmegi barada netijä gelindi.



**Orazgül AMANOWA,**
*Aşgabat şäher Medeniýet müdirliginiň Merkezleşdirilen kitaphanalar ulgamynyň Gypjak kitaphana şahamçasynyň 1-nji derejeli kitaphanaçysy.*



## «Burj Halifa» bilen ýaryşar

Mälim bolşy ýaly, dünýäniň iň beýik binasy «Burj Halifa» Dubaýda ýerleşip, onuň beýikligi 828 metre ýetýär. Şäherde beýik binalaryň ýene biri peýda bolar. Beýikligi 725 metre ýetjek «Burj Azizi» atly binanyň gurluşygy üçin 1,6 milliard amerikan dollary sarp ediler. Şeýlelikde, şäherde dünýäniň iň beýik ikinji binasy hem peýda bolar. Häzirki wagtda dünýäniň iň beýik ikinji binasy bolan «Merdeka 118» Malaýziýanyň paýtagty Kuala-Lumpurda ýerleşýär.

Dubaýda guruljak gökdiräň 131 gatly bolup, binada 7 ýyldyzly myhmanhana, restoran, söwda merkezi, syn ediş meýdançasy we ýaşaýyş öýleri bolar. Gurluşyk 4 ýyl dowam edip, 2028-nji ýylda ulanmaga berler. «Azizi Developments» atly kompaniýa tarapyndan durmuşa geçirilýän taslamanyň gurluşygyna şu ýylyň ýanwarynda başlanypdyr. Kompaniýa täze taslamanyň inženerçilik babatda gazanylan uly üstünlikdigine ünsi çekýär. «Burj Halifadan» 3 kilometr uzaklykda ýerleşýän binanyň 130-njy gatynda syn ediş meýdançasy, 122-nji gatynda restoran bolar.

Eziz Nurmyradow,
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Aýda bina gurmak üçin kerpiç synagdan geçiriler

**Hytaý kosmos bilen bagly täze taslamalary işläp taýýarlaýar. Ýurt Ýeriň hemrasyndaky topraga meňzeş toprakdan öndürilen kerpiçleri kosmosa ugratmagy meýilleşdirýär. Bu kerpiçleriň näderejede çydamlydygy öwreniler.**



**Ýurduň Uhan şäherindäki Huaçžun ylym we tehnologiýa uniwersitetiniň hünärmeni Din Lýeýunyň işläp taýýarlan kerpiçleri geljek aý uçuryljak «Tianzhou-8» kosmos gämisi bilen «Tiangong» kosmos bekedine ugradylar.**

**Hytaý ylmy barlaglary geçirmek üçin 2035-nji ýyla çenli Aýyň günorta polýusyna golaý ýerde Halkara Aý barlaglary bekedini gurmagy meýilleşdirýär. Hytaýly alymlar üç ýylyň dowamynda kerpijiň radiasiýa we ýylylygyň yzygiderli üýtgeýän şertlerinde nähili üýtgeşiklige sezewar boljakdygyny öwrenerler.**

**Enemaýa HAÝYDOWA,**
***Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň talyby.***

## Geljegiň ulag ulgamy synagdan geçirildi

Geljegiň ulag ulgamy hasaplanýan «Hyperloop» Ýewropada synagdan geçirildi. Niderlandlarda geçirilen ilkinji ulagly synagyň üstünlikli geçendigi mälim edildi. Wendam şäherinde geçirilen synagda howasyz tunneliň içindäki ulagyň tizligi sagatda 30 kilometre ýetdi. Ýylyň ahyrynda bu tizligiň sagatda 100 kilometre ýetirilmegi maksat edinilýär. Taslamanyň ahyrynda bu ulagyň sagatda azyndan 700 kilometr tizlik bilen hereket etmegi gazanylar. Bu bolsa, Amsterdam bilen Berliniň arasyndaky gatnawyň wagtyny 90 minuta düşürer. Bu ulgamyň Ýewropada 2030-njy ýyla çenli durmuşa geçirilmegine garaşylýar. Bilermenler «Hyperloop»-yň gysga uçar gatnawlarynyň ornuny aljakdygyny belleýärler.



Mähriban AMANGELDIÝEWA,
*Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri» ylmy-önümçilik merkeziniň inženeri.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

**ESASLANDYRYJYSY –**
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Sentýabr aýynyň 13-i, 2024
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-114756
Belgisi: 37/1603
Tiražy: 9047
Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR **MYRATDURDY GARJANOW**
JOGAPKÄR KÄTIP **AMANMYRAT BAÝMYRADOW**

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

**BELLIK:** Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# GARAŞSYZLYK HALKYMYZYŇ MILLI BUÝSANJYDYR

*Sanlyja günlerden ýurdumyzyň ähli künjeginde uly ruhubelentlik bilen toýlanyljak mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 33 ýyllyk baýramyna merjen şäherimiz Aşgabatda hem uludan taýýarlyk görülýär. Paýtagtymyzyň ajaýyp keşbinde mukaddes Garaşsyzlygymyzyň halkymyza peşgeş beren bagtyýarlygy aýdyň şöhlelenýär. Hormatly Prezidentimiziň, Gahryman Arkadagymyzyň taýsyz tagallalary bilen rowaçlanýan ak mermerli paýtagtymyz döwrüň kämil binagärlik sungatyna öwrüldi.*

Garaşsyzlyk ýyllary içinde ägirt uly özgertmeler durmuşa geçirildi. Ýurdumyzyň ähli pudagynda okgunly ösüşler gazanyldy. Bu günki gün Türkmenistan halkara giňişliginde ykdysady we senagat taýdan ýokary ösüşlere eýe bolýan döwlet hökmünde tanalýar. Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda Garaşsyz türkmen döwletiniň abraýy, milli medeniýeti we sungaty dünýäniň çar künjünde dabaralanýar.

Türkmen telekeçileriniň öndürmeginde «Türkmenistanda öndürildi» diýen ýazgy bilen dünýäde öz hyrydarlaryny gitdigiçe artdyrýan harytlar hili hem görnüşi bilen aýratyn tapawutlanýar. Ylym-bilimiň gyzykly älemine aralaşyp, onda öz zehinini kemsiz görkezip bilýän türkmen oglan-gyzlary halkara bäsleşikleriň, olimpiadalaryň ýeňijileri bolup, olaryň hatary ýylba-ýyldan artýar.

Garaşsyzlyk halkymyzyň milli buýsanjydyr. Garaşsyzlyk bäş müň ýyllyk taryhy menzilinde ýetmişden gowrak azym-azym döwletleri döreden halkyň täzeden galkynmagydyr. Garaşsyzlyk bize ata-babalarymyzyň özbaşdak döwlet gurmak baradaky arzuwlaryny amala aşyrmaga mümkinçilik berdi. Şu döwürde demokratik, hukuk, dünýewi döwletimiziň berk binýady tutuldy. Mukaddes Garaşsyzlyk türkmeniň göterilen ykbalydyr, nurana geljegine bolan ynamydyr. Hormatly Prezidentimiziň: «Eziz Watanymyzyň Garaşsyzlygy bagtyýar we abadan durmuşymyzyň binýadydyr» diýen sözleri hem bu hakykatyň aýdyň subutnamasydyr. Garaşsyzlygymyzyň 33 ýylynyň içinde ýurdumyzyň dürli ugurlar boýunça gazanan üstünlikleri, ýeten belent sepgitleri halkymyzyň milli döwletlilik ýörelgeleriniň dabaralanýandygyny alamatlandyrýar.



Häzirki wagtda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyny», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022–2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyny», «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasyny» üstünlikli durmuşa geçirmegiň çäklerinde ägirt uly işler amala aşyrylýar.

«Döwlet adam üçindir!», «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgelerimize laýyklykda, berkarar döwletimizde durmuşa geçirilýän işleriň ählisi il-ýurt bähbidine gönükdirilýär. Munuň şeýledigini taryha ýazylýan her bir günüň ajaýyp pursatlary doly tassyklaýar.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ykdysadyýeti köpugurly ösdürmek babatda alnyp barylýan giň gerimli işleriň netijesinde, ýurdumyzda dürli görnüşli önümleriň öndürilişi barha artýar. Welaýatlarda gurlan senagat kärhanalary we toplumlary, oba hojalygynyň önümçilik binalary ykdysady ösüşiň uly geljeginiň bardygyndan habar berýär. Aslynda, bina gurmak, döretmek ata-babalarymyzdan miras galan asylly ýörelgelerdir. Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda eziz Diýarymyz gün-günden özgerýär, ösýär, barha gözelleşýär. Döwletimiz bagy-bossana bürenip, bazarlarymyz ýokary hilli azyk önümleri bilen üpjün edilýär.

Ýurdumyzda bina edilýän we ulanmaga berilýän önümçilik kärhanalarynda ýaşlarymyzyň müňlerçesiniň täze iş orunlary bilen üpjün edilýändigini, zerur önümleriň ençeme görnüşleriniň öz ýurdumyzda öndürilýändigini, oba hojalygynda ulanylýan topragy gurplandyryjy himiki dökünleri we beýleki pudaklar üçin zerur himiýa önümlerini öz bazarlarymyzdan tapyp bolýandygyny indi biz buýsanç bilen aýdýarys. Häzirki wagtda Türkmenistan esasy oba hojalyk we senagat önümleri babatda özüni doly üpjün edýän hem-de taýýar önümleri dünýä bazarlaryna çykaryp bilýän döwlete öwrüldi.

Üstaşyr ulag geçelgeleriniň, gaz geçirijileriň, gara we demir ýollaryň, deňiz hem-de howa menzilleriniň köpugurly ulgamy döredildi, nebiti we gazy gaýtadan işleýän önümçilikler, erkin ykdysady zolaklar kemala getirildi. Ylym, bilim, saglygy goraýyş, medeniýet we sport ulgamlaryndaky ösüşler bu ugurlarda uly üstünlikleriň gazanylmagyny üpjün edýär. Gazanylýan şeýle üstünlikler raýatlarymyzyň, esasan hem, ýaşlarymyzyň watançylyk duýgularynyň ösmegine, has-da çuňlaşmagyna mümkinçilik döredýär.

**Ogulbagt GULOWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň mugallymy.*

# GURMAK WE DÖRETMEK – BAŞ MAKSADYMYZ

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzy ösdürmek ugrunda uly işler durmuşa geçirilýär. Watanymyz günsaýyn gözelleşýär, täze-täze binalar gurulýar. Tebigatyň ajaýyp keşbi bilen kämil sazlaşygy emele getirýän binagärlik toplumlary ata Watanymyzyň has-da gözelleşmegine ýardam berýär.

Türkmenistanyň at gazanan arhitektory Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan şähergurluşyk taslamalary, döwrebap beýik işleri häzirki wagtda – Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda üstünlikli dowam edýär. Mälim bolşy ýaly, Garaşsyz Watanymyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça kabul edilen maksatnamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilmeginde milli ykdysadyýetimiziň senagat pudagyna, hususan-da, gurluşyk serişdeleriniň önümçiligine möhüm orun degişlidir.

Ykdysadyýeti senagatlaşdyrmak we daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri özümizde öndürmek ýoluny saýlap alan Türkmenistanda bu ugurda yzygiderli çäreler durmuşa geçirilip, innowasion tehnologiýalar bilen enjamlaşdyrylan häzirki zaman kärhanalarynyň gurluşygyna, önümçilik kuwwatlyklarynyň yzygiderli artdyrylmagyna, ýerli çig malyň esasynda ýurdumyzda öndürilýän gurluşyk serişdeleriniň ýokary hilini we bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmäge aýratyn ähmiýet berilýär.

Gurluşyk pudagyna gönükdirilýän ägirt uly maýa serişdeleriniň, ýurdumyzda döredilen amatly maýa goýum gurşawynyň, telekeçiligi goldamak babatda durmuşa geçirilýän netijeli çäreleriň şähergurluşyk syýasatynyň üstünlikli amala aşyrylmagyna goşant goşýandygyny bellemek gerek. Bu syýasatyň çäklerinde paýtagtymyzda we welaýatlarda önümçilik, medeni-durmuş maksatly desgalaryň her ýylda ýüzlerçesi gurlup ulanmaga berilýär, ozal bar bolanlarynyň durky



täzelenilýär. Bu işler halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge, şäherdir obalarda halkara ölçeglere laýyk gelýän möhüm düzümleri kemala getirmäge gönükdirilen durmuş ugurly syýasatyň aýdyň netijeleridir.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» şygary astynda geçýän şu ýylda senagat düzüminiň wajyp desgalary – ýylda 1 million tonna sement öndürmäge niýetlenen Lebap sement zawodynyň hem-de Bäherden sement zawodynyň ikinji tapgyry ulanmaga berildi. Şeýle hem Ýaşlyk şäherçesindäki kuwwaty bir gije-gündizde 30 müň kub metre deň bolan suw arassalaýjy desga açyldy.

Häzirki wagtda hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallasy bilen ýurdumyzda şäherleriň we obalaryň ýollary abatlanylýar, täze döwrebap şäherara ýollary çekilýär. Şu ýyl mähriban halkymyz Aşgabat–Türkmenabat döwrebap ýokary tizlikli awtomobil ýolunyň, Tejen–Mary böleginiň açylyş dabarasyny uly şatlyk bilen kabul etdiler. Täze gurulýan ýollar halkymyzy dost-doganlyga, işjeň hyzmatdaşlyga, bagtyýarlyga alyp barýar.

Ginnesiň rekordlar kitabyna girizilen we köp sanly halkara güwänamalara mynasyp bolan özboluşly binagärlik desgalary we ýadygärlikleri jemlenen ak mermerli Aşgabat şäherinde täze owadan ýer peýda boldy. Köpetdagyň ajaýyp dag eteginde ýerleşýän «Magtymguly Pyragy» medeni-seýilgäh toplumy beýik türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň hormatyna hakykatdanam ajaýyp sowgat boldy.

Bilimler we talyp ýaşlar gününde ýurdumyzyň baş şäherinde täze desgalaryň açylyp ulanylmaga berilmegi paýtagtymyzyň binagärlik keşbini mundan beýläk-de kämilleşdirmek ugrundaky taýsyz tagallalaryň aýdyň subutnamasyna öwrüldi. Şeýle hem Bilimler we talyp ýaşlar gününde ýurdumyzyň Ahal, Lebap we Mary welaýatlarynda täze mekdepler hem-de çagalar baglary gurlup ulanylmaga berildi. Bu hem gurply döwlet bolan ata Watanymyzda ösüşiň täze belentliklerine sary ynamly öňe barýandygyny aýdyňlygy bilen görkezýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen, agzybirlige, jebislige gol beren halkymyzyň halal zähmetiniň netijesinde, ýurdumyzyň ähli künjeginiň bagy-bossanlyga bürenýändigine göz ýetirmek bolýar. Ýurdumyzyň dürli pudaklarynda gazanylýan ösüşlerden, ýetilen belent sepgitlerden, berkarar döwletimiziň barha belende galýan abraý-mertebesinden raýatlarymyzyň köňülleriniň, ýürekleriniň bir maksada gulluk edýändigi äşgär görünýär.

**Çowdur ATAÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# HALK MASLAHATY – DEMOKRATIÝANYŇ BELENT NUSGASY

*Halk Maslahaty Garaşsyzlyk ýyllarynda jemgyýetiň jebisliginiň berk köprüsine öwrüldi. Döwletimiziň ösüşiniň iň möhüm wezipeleri, jemgyýetçilik durmuşynyň döwrüň talaplaryna görä özgerdilmeginiň ugur-ýollary baradaky anyk çözgütleri kabul etmegiň münberine öwrülen Halk Maslahatynyň mejlislerine gatnaşýan ýaşulular, ýaşlar, jemgyýetiň dürli gatlaklaryna wekilçilik edýän adamlar berkarar döwletiň ösüş ýollarynyň täze wezipelerine çuň düşünmek bilen, olary ýerine ýetirmegiň jogapkärçiligini ýürekden duýup, halkyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmekde, nesilleriň ygtybarly geljeginiň berk binýadyny döretmekde döwletimiziň mümkinçilikleriniň uludygyna göz ýetirýärler we halkyň durmuşynyň aýrylmaz bölegine öwrülen bu forumyň ýüze çykarýan täzeliklerini, bu ýerde öňe sürülýän başlangyçlary, öňde goýlan wezipeleri halkyň arasynda giňden düşündirmekde işjeňlik görkezýärler.*

Türkmenistanyň Halk Maslahaty halkyň wekilçiliginiň, isleg-arzuwlarynyň, watançylyk başlangyçlarynyň ýüze çykýan ýeri hökmünde uly abraýa we ynama eýe boldy. Halk Maslahaty halkyň, eziz Watanymyzyň gülläp ösüşlerine dahyllylygynyň, jemgyýetiň milli demokratik ýörelgeleriniň il bähbitli many-mazmunyna çuňňur düşünmeginiň we her bir ösüş maksatlaryny bagtyýarlygyň, ynamly ýaşaýşyň egsilmez çeşmesi hökmünde kabul etmeginiň ruhlandyryjy daýanjydyr.

Ýurdumyzda döwlet derejeli iň wajyp meselelere halkyň ynamdar wekilleriniň gatnaşmagynda Halk Maslahatynyň mejlislerinde garalýar we degişli çözgütler kabul edilýär. Şunuň bilen birlikde, berkarar döwletimiziň ösüşlerine görnükli goşant goşan ildeşlerimizi sylaglamak, mertebesini belende galdyrmak dessurlary hem bu forumyň asylly däbine öwrüldi. 2023-nji ýylyň 24-nji sentýabrynda geçirilen Halk Maslahatynyň mejlisinde hormatly Prezidentimize halkyň wekilleriniň teklibi bilen Türkmenistanyň Gahrymany diýen belent adyň dakylmagy barada kabul edilen Karar Halk Maslahatynyň türkmen halkynyň ýürek arzuwlarynyň ýüze çykýan, hasyl bolýan ýeri hökmündäki belent ornuny ýene bir gezek tassyklady.



«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda bitirilýän işler, ýetilýän belent sepgitler, ýurdumyzyň halkara giňişlikde beýgelýän, berkeýän orny halkyň beýik geljege ymtylýan isleg-arzuwlarynyň berkarar döwletimiziň alyp baran syýasatynda giňden şöhlelenýändigine şaýatlyk edýär. Şu ýylyň 12-nji iýulynda alty aýyň jemlerine bagyşlanyp geçirilen Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisinde beýan edilen maglumatlara nazar aýlanymyzda, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda ýurdumyzyň beýik maksatly ösüş ýoly bilen ynamly hereket edýändigine şaýat bolýarys.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisiniň mähriban Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 33 ýyllygynyň baýram edilýän günlerinde geçiriljekdigi hem aýratyn mana eýedir. Çünki mukaddes Garaşsyzlygymyza eýe bolan halkymyz indi 33 ýyl bäri azatlygyň, erkinligiň, bagtyýarlygyň hözirini görüp, duýup ýaşaýar. Milli Liderimiz: «Garaşsyzlyk – bu biziň göterilen ykbalymyzdyr! Garaşsyzlyk Magtymguly atamyzyň arzuwlan zamanasydyr, berkarar döwletli we bagtyýar ýaşaýşymyzdyr! Şoňa görä-de, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini geçirmek bilen, geçilen taryhy menzillere ser salmak, geljekde öňde duran wezipeleri anyk kesgitläp, Garaşsyz döwletimiziň gazananlaryny berkitmek esasy wezipämizdir. Ösüşlerimiziň binýadyny berk tutmak, döwletimiziň geljegi bolan ýaşlary ak ýollara ugrukdyrmak baş maksadymyzdyr» diýip belleýär.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda dowam etdirilýän demokratik özgertmeler ýoly bilen ynamly öňe barýan Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyz jemgyýetçilik-syýasy, durmuş-ykdysady ösüşde täze belentliklere ýetýär. Ýurdumyzda halk häkimiýetlilik ýörelgeleri, raýat jemgyýetiniň esaslary yzygiderli berkidilýär. Esasy Kanunymyzda halk döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk gözbaşy hökmünde ykrar edilýär, halkyň öz häkimiýetini gös-göni ýa-da wekilçilikli edaralaryň üsti bilen amala aşyrýandygy nygtalýar.

Mälim bolşy ýaly, döwlet ähmiýetli meseleleri çözmek, döwlet maksatnamalarynyň durmuşa geçirilmegine halk köpçüligini giňden çekmek, teklipleri işläp taýýarlamak, halkymyzyň agzybirligini, bitewüligini, jebisligini, abadançylygyny berkitmäge hem-de Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň has-da kuwwatlanmagyna ýardam bermek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň baş maksady we esasy wezipeleri bolup durýar.

Türkmenistanyň Halk Maslahaty halk demokratiýasynyň belent nusgasydyr. Onda ýurduň ýakyn we uzak geljegini nazarlaýan dürli meseleleriň oňyn çözgüdi ara alnyp maslahatlaşylýar. Mukaddes Garaşsyzlyk baýramynyň bellenilýän günlerinde geçiriljek döwletli geňeşde hem Watanymyzyň dürli kärdäki, hünärdäki raýatlarynyň, jemgyýetçiligiň dürli ugurlarynyň wekilleriniň gatnaşmagynda il-günüň bähbitlerine gönükdirilen, durnukly ösüşiň ähli ugurlaryny öz içine alýan, milletiň ykbalyna oňyn täsir edýän wajyp çözgütler kabul ediler.

**Merdan ABADOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# BELENT SEPGITLERE ÝETMEK ÜÇIN ULY TAGALLALAR EDILÝÄR

*Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda her bir gün taryha altyn harplar bilen ýazylýar. Halkymyzyň bagtyýar durmuşyna, ata Watanymyzyň gülläp ösmegine gönükdirilen beýik işleriň has-da rowaçlanýandygyny alamatlandyrýan wakalar «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylyna özboluşly many-mazmun çaýýar. Ýakynda bolup geçen taryhy wakalar eziz Diýarymyzyň günsaýyn öňe barýandygyny äşgär etdi.*

Akyldar şahyrymyzyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň giňden bellenilýän şanly ýylynda Bilimler we talyp ýaşlar güni dabaraly bellenip geçildi. Hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda baýramçylyk gününde paýtagtymyzda Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Berdimuhamet Annaýew adyndaky Ýöriteleşdirilen harby mekdebiniň täze, ak mermerli binalar toplumynyň açylmagy şanly wakalaryň şatlygyny arşa göterdi. Şeýle hem şol gün Aşgabat şäher häkimliginiň toplumynyň binasynyň açylmagy ýatda galyjy pursatlara beslendi. Bu bolsa günsaýyn gözelleşýän paýtagtymyzyň görküni has-da artdyrdy.

Bilimler we talyp ýaşlar gününde Täjigistan Respublikasynyň Hatlon welaýatynyň Dusti etrabynyň Ergeş Sultanow daýhan birleşiginde gurlan 540 orunlyk Magtymguly adyndaky umumybilim berýän orta mekdebiň açylmagy taryhy ähmiýetli wakalaryň birine öwrüldi.

Ýurdumyzda ylym-bilim ulgamy täze derejelere çykaryldy. Garaşsyz Diýarymyzyň ähli künjeginde häzirki zaman kompýuterleri, multimedia tehnologiýalary, okuw-usuly esbaplar bilen üpjün edilen döwrebap orta mekdepleri, çagalar baglaryny, hünär bilim edaralaryny gurmak, bilim işini ylmy, nazary, amaly taýdan kämilleşdirmek arkaly milli bilim ulgamy dünýä derejesine çykarylýar. Ylym-bilim ulgamynda iri halkara guramalar,



dünýä döwletleri bilen dostlukly, özara bähbitli gatnaşyklaryň has-da giňeldilmegine uly ähmiýet berilýär.

«Türkmenistanda umumybilim maksatnamalary boýunça okatmagyň usulyýetini kämilleşdirmegiň 2028-nji ýyla çenli Konsepsiýasyny» kabul etmek bilen, 2024-2025-nji täze okuw ýylyndan iň gowy dünýä tejribesinden we bilim ulgamynyň milli aýratynlyklaryndan ugur alýan bilim özgertmeleriniň täze tapgyryna badalga berildi.

Türkmenistanda on iki ýyllyk umumy orta bilime geçmegiň, sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň, daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmegiň, tebigy we takyk ylmy ugurlara degişli dersleri okatmagy kämilleşdirmegiň Konsepsiýalaryna laýyklykda, ýaşlara döwrebap bilim bermek hem-de okatmagyň täze, döwrebap usullaryny ornaşdyrmak bilen bagly giň gerimli işler alnyp barylýar.

Bilimler we talyp ýaşlar güni hem-de 2024-2025-nji okuw ýylynyň başlanmagy mynasybetli hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda dabaraly açylan Aşgabat şäher häkimliginiň toplumynyň açylyş dabarasynda Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň Innowasiýa maglumat merkezi tarapyndan taýýarlanan, orta mekdepleriň sanly dolandyryş ulgamy bolan «e-Mekdep» platformasynyň işine badalga berildi.

Elektron mekdep dolandyryş ulgamynyň maksady «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunyndan, «Bilim-terbiýeçilik edaralarynyň işini kämilleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2007-nji ýylyň 4-nji martyndaky Kararyndan, «Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 1-nji martyndaky Permanyndan, «Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmek hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabryndaky Kararyndan we beýleki degişli resminamalardan gelip




çykýan wezipeleri durmuşa geçirmekden, mekdep ýolbaşçylaryna usuly kömek bermekden, olaryň iş resminamalaryny dogry ýöretmekdäki jogapkärçiligini artdyrmakdan hem-de okuw-terbiýeçilik işiniň netijeliligini ýokarlandyrmakdan ugur alýar.

«e-Mekdep» platformasy okuwçynyň gündeliginiň elektron görnüşini hödürleýär. Onuň üsti bilen okuwçynyň alan bahasy, sapaklara bolan gatnaşygy, sapaklaryň rejesi, öwrenen temalary, öý işleri, mugallymyň bellikleri we berlen ýumuşlar barada onlaýn usulda maglumat berilýär. Bu platformada ene-atalara öz çagalarynyň okuwyna netijeli gözegçilik etmek arkaly, olaryň bilimine goldaw bermek üçin örän peýdaly mümkinçilikler bar.

Ylym dünýäsinde belent sepgitlere ýetmegimiz üçin uly tagallalar edýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de döwlet Baştutanymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

**Ýazmyrat ATDAÝEW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby, Türkmenistanyň Ýaşlar baýragynyň eýesi, ýaş alym.*

*Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragy: «Saglygyň gadryny bilgil...»*

## Güýz paslynda möwsümleýin keselleriň öňüni almak üçin maslahatlar:

- Paslyň aýratynlygyna laýyklykda geýinmeli.
- Sagdyn durmuş ýörelgesine eýermeli.
- Bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaly.
- Sagdyn we kadaly iýmitlenmeli. Witaminlere baý bolan önümleri iýmeli.
- Arassa agyz suwuny ýeterlik mukdarda içmeli.
- Şahsy we jemgyýetçilik arassaçylyk tertip-düzgünlerini berk berjaý etmeli.
- Iş ýerinde we öýde otaglaryň howasynyň arassa bolmagyny gazanmaly.
- Ýiti respirator ýokanç keseliniň ilkinji alamatlary ýüze çykan ýagdaýynda hökman maşgala lukmanyna ýüz tutmaly.
- Derman serişdelerini özbaşdak ulanmakdan saklanmaly. Diňe lukmanyň görkezmesi bilen derman serişdelerini kabul etmeli.
- Gahryman Arkadagymyzyň «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltli ylmy-ensiklopedik kitabynda beýan edilýän dermanlyk ösümliklerden taýýarlanan melhem çaýlary maşgala lukmany bilen maslahatlaşyp içmeli.
- Maşgala lukmany bilen maslahatlaşyp, keselleriň öňüni alyş sanjymyny öz wagtynda almaly.

*Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.*

## DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde



**Harris öňde barýar.** ABC News teleýaýlymynda geçirilen teleçekişmelerde wise-Prezident we demokratlardan ABŞ-nyň prezidentligine dalaşgär Kamala Harris respublikaçylardan dalaşgär Donald Trampdan sesleriň 44 göterimi bilen üstün çykdy. Pikir soraşmalarda Tramp tomaşaçylaryň 40 göterim goldawyny aldy. ABŞ-da Prezident saýlawlary 5-nji noýabrda geçiriler.



**Iň kiçi tozan sorujyny ýasady.** Hindistanly talyp Tapala Nadamuni ululygy barýogy 65 santimetr bolan dünýäde iň kiçijik tozan sorujyny döretdi. Onuň bu üstünligi Ginnesiň rekordlar kitaby tarapyndan resmi taýdan ykrar edilip, onuň 2022-nji ýylda goýan öňki rekordyndan 2 santimetr tapawutlanmagy başardy.



**Emeli aňa çäklendirme.** Kaliforniýa ABŞ-da, mirasdüşerleriniň razylygy bolmazdan, emeli aňy ulanyp, merhum aktýorlaryň sanly nusgalarynyň döredilmegini kanuny taýdan gadagan eden ilkinji ştat boldy. Ştatyň senaty tarapyndan kabul edilen bu kanuny gubernator Gewin Nýusom hem tassyklamaly.



**Iň güýçli superkompýuter döreder.** Ýaponiýada «Fugaku» superkompýuteriniň mirasdüşerini döretmek meýilnamasy yglan edildi. «Fugaku Next» diýlip atlandyrylan täze superkompýuter «Fujitsu» kompaniýasy tarapyndan işlenip düzüler. Ylmy açyşlara ýardam berjek kompýuteri 2030-njy ýyla çenli gurmak meýilleşdirilýär.



**«Titanik» 2030-njy ýylda dargar.** Suwuň astynda ýatan «Titanik» gämisi 2030-njy ýylda doly dargap, ondan derek galmaz. Alymlar topary gäminiň ýatan ýerinde geçirilen barlaglardan soň, şeýle netijä geldiler. Golaýda geçirilen suwasty surata alnyş wagtynda gäminiň germeçleriniň tutuşlygyna ýumrulandygy belli boldy.



**Gibrid otly bilen tanyşdyrdy.** Şweýsariýanyň «Stadler» kompaniýasy demir ýol ulaglary pudagynda öwrülişikli ösüşi – elektrik we wodorod bilen işleýän RS ZERO ýolagçy elektrik otlusyny hödürledi. Bu tehnologiýa uglerod galyndysyz hereket etmäge mümkinçilik berýär we ekologiýa taýdan arassa ulag üçin iň oňat çözgütdir.



**Argynlyk bilen göreşer.** Ýaponiýanyň «Qnote IT» kompaniýasy 10 sany pişigi işgär hökmünde «işe alyp», stress we argynlyk bilen göreşmegiň özboluşly tejribesini girizdi. Baş müdir Nobuýuki Surutanyň aýtmagyna görä, pişikler işgärleriň ruhuny gorap, dartgynlylygyň azalmagyna ýardam berer.



**Marsyň iň takyk kartasy döredildi.** Hytaýly alymlar Gyzyl planetanyň iň jikme-jik takyklykdaky kartasyny hakyky reňkinde döretdiler. «Tianwen-1 Mars Global Color Orthomosaic 76 m v1» atly bu kartanyň durulygy 76 m, gorizontal takyklygy 68 m bolup, ol häzirki wagtda bar bolan kartalaryň arasynda iň takygydyr.



**Täze paýtagta göçüp bardy.** Indoneziýanyň Prezidenti Joko Widodo 10-njy sentýabrda ýurduň täze paýtagty Nusantara göçüp bardy. Onuň Nusantaradaky «Garuda» köşgünde 10-njy oktýabrdan işläp başlajakdygy aýdylýar. Joko Widodo ýurduň paýtagtyny Jakartadan göçürmek baradaky kararyny 2019-njy ýylda yglan edipdi.



**Faraonyň gylyjy tapyldy.** Müsüriň arheologlary Müsüriň Al-Buheýra welaýatynda geçirilen gazuw-agtaryş işlerinde faraon Ramses II gylyjyny tapdylar. Bu barada ýurduň Syýahatçylyk we gadymyýet ministrligi habar berdi. Ramses II Müsüriň taryhynda iň beýik hökümdarlaryň biri bolup, 60 ýyldan gowrak (miladydan öň XIII asyr) höküm sürüpdir.

## Alžiriň Prezidenti gaýtadan saýlandy

Alžiriň Prezidenti Abdelmajid Tebbun ýurtda geçirilen nobatdan daşary Prezident saýlawlarynda 94,65 göterim ses alyp, ýeňiş gazandy. Bu barada Alžiriň garaşsyz milli saý-



law toparynyň başlygy Muhammet Şerefi metbugat ýygnagynda habar berdi.

«Parahatçylyk jemgyýeti üçin hereket» partiýasynyň dalaşgäri Abdelali Hasani Şerif sesleriň 3,17 göterimini aldy, «Sosialistik güýçler hereketiniň» Baş sekretary Ýusef Usuşi bolsa sesleriň 2,16 göterimi bilen soňky orny eýeledi. Şerefi saýlawlara gatnaşygyň 48 göterime deň bolandygyny habar berdi.

Abdulaziz Buteflik 2019-njy ýylda wezipesinden çekilenden soň Abdelmajid Tebbun 58 göterim ses alyp ýurduň täze Prezidenti bolupdy. Tebbun nobatdaky saýlawlara garaşsyz dalaşgär hökmünde gatnaşyp, habar beriş serişdeleri, iş berijiler we käbir syýasy partiýalar tarapyndan goldaw aldy.

Alžir Halk Demokratik Respublikasy Demirgazyk Afrikada, Ortaýer deňziniň basseýniniň günbatar böleginde ýerleşip, çäkleri boýunça iň uly Afrika döwletidir. Ýurduň çäginiň köp bölegi Sahara çölünde ýerleşýär. Maglumatlara görä, ýurduň 46 milliondan gowrak ilaty bar.

## Täze meýilnamasyny mälim etdi

Eýranyň Prezidenti Masud Pezeşkian ýurduň paýtagtyny Tährandan günorta serhet ýakalaryna, Pars aýlagynyň kenarlaryna gö-



çürmek baradaky meýilnamasyny mälim etdi. Bu barada «Fars» agentligi habar berdi.

«Tähran ýurduň paýtagty bolmak bilen, paýtagt merkezini göçürmekden başga çözgüt tapyp bolmajak meseleler bilen ýüzbe-ýüz galýar» diýip, «Fars» agentligi Pezeşkianyň sözlerini getirdi.

Döwlet Baştutanynyň sözlerine görä, Tährany paýtagt hökmünde galdyrmak birgiden kynçylyklar, ilkinji nobatda bolsa, ykdysady ýagdaýlar sebäpli mümkin däl. «Häzirki ýagdaý dowam etse, ýurdy ösdürmek ýeňil düşmez. Eger-de biz Tährana günortadan we deňizden çig mallary getirip, olary önüme öwrüp ýene-de yzyna – günorta eksporta iberjek bolsak, bu ýagdaý biziň bäsdeşlige ukyplylygymyzy has-da pese gaçyrar» diýip, ol aýtdy. Şeýle-de, Pezeşkian täze paýtagt saýlanyp alnandan soňra ol ýere ähli döwlet edaralarynyň göçüriljekdigini hem sözüniň üstüne goşdy.

## 79-njy sessiýa öz işine başlady

10-njy sentýabrda Birleşen Milletler Guramasynyň Nýu-Ýorkdaky ştab-kwartirasynda guramanyň Baş Assambleýasynyň 79-njy mejlisi öz işine başlady. Ýyllyk sessiýanyň gün tertibi dünýäniň käbir sebitlerinde ýüze çykan çylşyrymly meseleleri çözmek, durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek we ösýän ýurtlara kömek ýaly dürli meseleleri öz içine alýar. Täze sessiýanyň esasy wakasy, däp bolşy ýaly, 24-nji sentýabrdan 28-nji sentýabr aralygynda, şeýle hem 30-njy sentýabrda guralýan ýokary derejeli maslahat hasaplanýar. Maslahata köp sanly döwlet ýolbaşçylary we ministrler gatnaşyp, möhüm meseleler barada çykyş edýärler.

Bu ýyl her ýylky sessiýanyň çäginde ilkinji gezek «Geljegiň sammiti» guralyp, onuň dowamynda parahatçylyk we global howpsuzlyk meseleleri ara alnyp maslahatlaşylar. Sammitiň ahyrynda «Geljek üçin şertnama», «Global sanly ylalaşyk» we «Geljekki nesiller üçin jarnama» tassyklanar. Bu çäre has gowy geljege nädip ýetip boljakdygy we geljegi nädip üpjün etmelidigi barada täze halkara ylalaşygyny döretmek maksady bilen 22-23-nji sentýabrda geçiriler.

10-njy sentýabrda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasy tehniki häsiýete eýe bolan umumy mejlis bilen ýapyldy. Onda Trinidadyň we Tobagonyň wekili, sessiýanyň başlygy Dennis Frensis, guramanyň bir ýyllyk işini jemläp, ygtyýarlyklaryny resmi taýdan Kamerunyň öňki Premýer-ministri Filemon Ýanga geçirdi. Frensis metbugat ýygnagynda eden çykyşynda 78-nji sessiýany «hakykatdan hem uly waka» diýip atlandyryp, sessiýanyň barşynda möhüm kararlaryň kabul edilendigini



aýtdy. Mundan başga-da, durnukly ösüş maksatlaryna ýetmek üçin alnyp barylýan işler barada durup geçdi.

Günüň ikinji ýarymynda Baş Assambleýanyň 79-njy mejlisiniň ilkinji maslahaty geçirildi, onda Ýang guramanyň işleriniň ileri tutulýan ugurlary barada gürrüň berdi we öz garaýyşlaryny beýan etdi. Sessiýanyň ilkinji günleri, esasan, gün tertibini kesgitlemek we dürli komitetleriň düzümini tassyklamak ýaly tehniki meselelere garaldy.

## Kosmos missiýasyny tamamlaýar

Türkmenistanyň we Russiýanyň Gahrymany, «Roskosmos»-yň kosmonawtlar toparynyň serkerdesi, orbitada uzak wagt galmakda dünýä rekordynyň eýesi Oleg Kononenko bäşinji kosmos ekspedisiýasyny tamamlap, 23-nji sentýabrda Ýere dolanmaga taýýarlanýar.



375 gün dowam eden bu missiýa halkara kosmos stansiýasy (HKS) maksatnamasynyň çäklerinde iň uzyn döwri öz içine aldy. Türkmenabat şäherinde doglan we Russiýanyň iň tejribeli kosmonawty bolan Oleg Kononenko şu ýylyň 4-nji fewralynda deňi-taýy bolmadyk sepgide ýetdi we Ýere golaý orbitada jemi 1000 gün bolan taryhda ilkinji adam boldy. Bu rekord 2023-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda başlanan häzirki missiýasy wagtynda goýuldy. Şonda ol «Soýuz MS-24» kosmos gämisinde HKS-70/71 ekspedisiýasynyň serkerdesi hökmünde HKS-e barypdy.

Kononenko gazanylan bu üstünlikleriň kosmos lukmançylygynyň ösmegine we adamyň mümkinçilikleri baradaky düşünjäni giňeltmäge belli bir derejede goşant goşjakdygyny nygtaýar. Şeýle hem kosmonawt bu ädimiň, ösen kosmos stansiýa ulgamlarynyň işleýşinde möhüm meseleleri çözmek üçin zerur bolan gymmatly tejribe toplamaga mümkinçilik berjekdigini belleýär.

## Fransiýanyň täze Premýer-ministri

Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron Ýewropanyň öňki komissary we Fransiýanyň ozalky daşary işler ministri Mişel Barnýeni Premýer-ministr wezipesine belledi.

Bu waka Fransiýada möhletinden öň geçirilen parlament saýlawlarynyň netijelerinden iki aý töweregi soň we 16-njy iýulda Emmanuel Makron tarapyndan bellenen Gabriel Attalyň işinden çekilmeginden ep-esli wagt soň bolup geçdi.

73 ýaşly Mişel Barnýe fransuz we Ýewropa syýasatynda tejribeli hünärmen bolup, ol 1993-nji ýylda ilkinji gezek ministr boldy, soňra Žak Şirak we Nikolýa Sarkoziniň Prezident bolan döwür-



lerinde üç gezek ministr wezipesinde işledi. Şeýle hem iki gezek Ýewropa komissary bolup işledi we ahyrynda 2016-2021-nji ýyllar aralygynda Beýik Britaniýanyň Ýewropa Bileleşiginden çykmagy – «Brexit» boýunça maslahatçysy boldy.

Barnýe 1958-nji ýylda Bäşinji Respublikanyň döredileli bäri Fransiýanyň iň garry Premýer-ministridir. Ol Fransiýanyň iň ýaş Premýer-ministri Gabriel Attalyň ýerine geçdi. Indiki ädim hökümet gurmakdyr. Mişel Barnýe üçin ylalaşyk gazanmaga we koalisiýa düzmäge ukyply topar ýygnamak esasy kynçylyklaryň biri bolar. Bu bolsa, geljekde kabul ediljek kanunlara ses bermäge mümkinçilik döreder.

## 1,1 milliondan gowrak iş ýeri döredildi

Hytaý kompaniýalary soňky üç ýylda Afrika ýurtlarynda 1,1 milliondan gowrak iş ornuny döretdi. Bu barada Hytaýyň daşary işler ministri Wan I mälim etdi.

«Diňe soňky üç ýylyň dowamynda biziň ýurdumyzyň kompaniýalary Afrikada 1,1 milliondan gowrak iş ornuny döretdi» diýlip, Hytaýyň Daşary işler ministrliginiň web sahy-



pasynda hytaýly diplomatyň sözleri getirilýär. Wan I Hytaý-Afrika hyzmatdaşlygy forumynyň (HAHF) Pekin bilen sebitiň döwletleriniň arasyndaky gatnaşykda möhüm rol oýnaýandygyny aýtdy. Ol bilelikdäki ikitaraplaýyn taslamalaryň afrikalylaryň ýaşaýyş şertlerini gowulandyrandygyny belledi.

Hususan-da, daşary işler ministri Hytaýyň Afrikada, takmynan, jemi uzynlygy 100 müň kilometre ýetýän awtoulag ýollaryny, 10 müň kilometr demir ýollaryny, 1 müňe golaý köprini we 100 töweregi porty gurmaga we döwrebaplaşdyrmaga kömek edendigini aýtdy.

– HHR yklymyň ähli ýurtlaryna diýen ýaly lukmançylyk toparlaryny iberdi, uzak oba ýerlerine baryp gördi we takmynan, 230 million adama kömek berdi – diýip, Wan I sözüniň üstüne goşdy.

Ministriň belleýşi ýaly, Hytaý Afrikada azyk we suw üpjünçiligi, şeýle hem ylym we bilim pudaklarynda taslamalary durmuşa geçirýär. Ol şeýle çäreleriň ýerli ýaşaýjylara getirýän peýdasyna ünsi çekdi.

– Bu görnetin netijeler, yssy Günüň aşagynda afrikaly doganlary bilen birlikde yklymda öz işlerini edýän hytaýly işçileriň, lukmanlaryň, mugallymlaryň we meýletinçileriň kömegi bilen gazanyldy – diýip, ministr sözüni jemledi.

Hytaýyň Başlygy Si Szinpin, dokuzynjy Hytaý-Afrika hyzmatdaşlygy forumynyň açylyş dabarasynda çykyş edip, Hytaýyň sebitiň ýurtlarynda ýerli ýaşaýjylaryň abadançylygyny ýokarlandyrmak üçin 500 töweregi taslamany durmuşa geçirmegi meýilleşdirýändigini aýtdy. Şeýle hem Afrikada azyndan, 1 million täze iş ornunyň dörediljekdigini aýtdy.

Bu forum Hytaý we Afrika döwletleri tarapyndan 2000-nji ýyldan bäri geçirilýär. Pekinde we yklymyň ýurtlarynyň biriniň paýtagtynda gezekli-gezegine guralýan bu forum HHR-niň Afrikadaky ykdysady, syýasy we medeni täsirini güýçlendirýän möhüm platformadyr. Çäräniň esasy maksatlaryndan biri «Bir guşak – bir ýol» başlangyjynyň taslamalaryny öňe sürmekden ybaratdyr. Ýedinji forum Hytaýyň paýtagtynda 2018-nji ýylyň sentýabr aýynda, sekizinjisi 2021-nji ýylyň noýabr aýynda Dakarda geçirildi.

## Çadyr görnüşli stadion gurlar

2030-njy ýylda geçiriljek futbol boýunça Dünýä çempionatyna çenli Marokkoda çadyr görnüşli ägirt stadiony gurmak meýilleşdirilýär. «Grand Stade Hassan II» diýlip atlandyryljak stadionyň 115 müňden gowrak tomaşaçyny kabul edip biljekdigi habar berilýär. Bu taslama Fransiýanyň «Populous we Oualalou + Choi» binagärlik edarasy tarapyndan işlenip düzüldi. Stadion Kasablankanyň demirgazygyndaky El-Mansura şäherinde 100 gektar meýdanda ýerleşer.

Binagärler çadyr görnüşli dizaýny döretmekde Marokkonyň däp-dessurlaryndan ylham alypdyrlar. Stadionyň üçegi 32 sany merduwanyň halkalaryna daýanýan alýumin gözeneklerden ýasalar. Münberler umumy zolaga we VIP bölüme bölüner. Şeýle hem «oazis» täsirlerini döredýän, 28 metr beýiklige galdyrylan meýdançalarda ýerleşjek köp derejeli baglar bolar. Birinji gatda botanika bagy meýilleşdirilýär.

– Bu stadion Marokko hem-de tutuş futbol senagaty üçin hakykatdan hem ajaýyp medeni ojak, dünýädäki iň uly stadionlaryň biri bolar – diýip, «Populous»-yň sebitdäki dolandyryjy direktory Kristofer Li belledi. Ol arenanyň



FIFA-nyň talaplaryna doly laýyk gelýändigini hem-de 2030-njy ýylda geçiriljek Dünýä çempionatynyň finalyny kabul edip biljekdigini aýtdy. Geljekki Dünýä çempionatynyň soňky duşuşygynyň nirede geçiriljekdigi entek belli däl. Oňa Madridiň «Real»-ynyň ýaňy-ýakynda durky täzelenen «Santýago Bernabeu» stadiony esasy dalaşgärleriň biri boldy.

## Çip önümçiligine maýa goýýar

**Hytaý şu ýylyň birinji ýarymynda çip öndürýän enjamlara rekord derejede 25 milliard amerikan dollary maýa goýup, beýleki ýurtlardan öňe geçdi. «Tom's Hardware»-iň maglumatlaryna görä, agzalýan döwürde hytaý kompaniýalarynyň ýarymgeçirijiler pudagyna goýan umumy maýa goýumy Koreýa Respublikasyndan, Taýwandan we ABŞ-dan köp boldy.**



**Bu maýa goýumlar söwda çäklendirmeleriniň netijesinde Hytaýyň daşary ýurt üpjün edijilerine garaşlylygy azaltmaga tagalla edýändigi bilen şertlenýär. Hytaýyň ýarymgeçirijileriň önümçiligi üçin enjamlara umumy maýa goýumynyň 2024-nji ýylda 50 milliard amerikan dollaryna ýetmegine garaşylýar.**

**Hytaý öňdebaryjy enjamlara elýeterlilik bilen bagly kynçylyklara garamazdan, 2024-2025-nji ýyllarda 10-dan gowrak täze fabrigi açmagy meýilleşdirýär. Maýa goýumlarynyň köpelmegi diňe bir SMIC we «Hua Hong» ýaly iri öndürijileri däl, eýsem, kiçi kompaniýalary hem öz içine alýar.**

**Hünärmenler ýarymgeçirijiler pudagynyň oňyn geljegini goldajak çiplere, esasan hem, ýat we emeli aň üçin çiplere bolan islegiň artmagyna garaşýarlar. Şol bir wagtyň özünde Günorta-Gündogar Aziýa, Amerika we Ýewropa ýaly beýleki ýurtlar hem önümçilik kuwwatyny artdyrmak üçin çykdajylaryny artdyrýarlar.**

## TARYHDA ŞU GÜN

**1745-nji ýylyň 13-nji sentýabrynda geografik «Rus atlasy» neşir edildi. Ol şweýsar matematigi Leonard Eýleriň ýolbaşçylygynda Ylymlar akademiýasy tarapyndan işlenip düzüldi. «Rus atlasynyň» peýda bolmagy dünýäniň geografiýa ylmynda möhüm waka boldy. XVIII asyryň ikinji ýarymynda diňe Fransiýada şeýle atlas bardy.**



## ÇARWADARLARYŇ V BÜTINDÜNÝÄ OÝUNLARY GEÇIRILDI

**8-13-nji sentýabr aralygynda Gazagystanyň paýtagty Astana şäherinde Çarwadarlaryň V Bütindünýä oýunlary geçirildi.**

**«Ymgyr sähradaky duşuşyk» şygary astynda geçirilen sport çäresiniň açylyş dabarasy artistleriň üç müňden gowragynyň gatnaşmagynda «Astana Arena» stadionynda guraldy. Bu dabara Gazagystanyň milli baýdagynyň hem-de Çarwadarlaryň Bütindünýä oýunlarynyň baýdagynyň galdyrylmagy we senasynyň ýaňlanmagy bilen başlandy. Ilki gatnaşyjy ýurtlaryň dabaraly ýörişi geçirildi. Münberiň öňünden beýleki ýurtlaryň türgenleri bilen birlikde türkmenistanly türgenler hem geçdi.**

**Giň gerimli sport çäresiniň açylyş dabarasynda Gazagystan Respublikasynyň Prezidenti Kasym-Žomart Tokaýew çykyş edip, oýunlaryň açykdygyny mälim etdi. Dabarada Çarwadarlaryň V Bütindünýä oýunlarynyň guramaçylyk komitetiniň başlygy Roman Sklýar we Bütindünýä etnosport konfederasiýasynyň başlygy Bilal Erdogan hem çykyş etdiler.**




**Astanada guralan sport çäresiniň açylyş dabarasyna Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew, Gyrgyz Respublikasynyň Prezidenti Sadyr Žaparow, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow, Tatarystan Respublikasynyň Prezidenti Rustam Minnihanow, Saha Respublikasynyň başlygy (Ýakutiýa) Aýsen Nikolaýew we başga-da köp sanly ýokary derejeli myhmanlar gatnaşdy.**

**Astananyň iň gowy sport meýdançalarynda sportuň 21 görnüşi boýunça, şol sanda, at çapyşygy, milli göreşiň dürli görnüşleri, däp bolup gelýän intellektual oýunlar, başa-baş göreşiň görnüşleri, ýaýdan ok atmak, elguş bilen awlamagyň milli görnüşleri we halk oýunlary boýunça bäsleşikler guraldy.**

**Giň gerimli çäräniň çäginde 10 gektar meýdanda «Köşpendiler Alemi» (Çarwadarlaryň dünýäsi) ýaýbaňlandyrylyp, ol ýerde gazak halkynyň we çarwa halklaryň özboluşly medeniýeti bilen tanyşdyryldy.**

**Çarwadarlaryň V Bütindünýä oýunlaryna 89 ýurtdan 2 müň 800 töweregi türgen gatnaşdy. Türkmenistana 29 türgen we 6 tälimçi wekilçilik etdi. Oýunlarda sportuň 21 görnüşi boýunça jemi 97 medal gowşuryldy.**

# Nika ýüzügi: söýginiň we geljegiň nyşany

**Söýginiň nyşany bolan nika ýüzügini dakmak däbiniň 3 müň ýyl ozal başlandygy aýdylýar. Är-aýalyň arasyndaky resmi baglanyşygy aňladýan bu nyşanyň iň gadymy görnüşleri Müsürden tapylypdyr. Papirus ýazgylarynda kenep süýüminden ýa-da inçejik gamyşdan örülen ýüzükler barada bellenilýär. Bu ýüzükleri uzak wagt dakynyp bolmandyr. Soňlugy bilen gamyşdyr kenepden ýasalan ýüzükleriň ýerine deriden ýa-da piliň süňkünden taýýarlanan halkalar peýda bolupdyr. Dag-magdan känini eredip, metal almak usulynyň oýlanyp tapylmagy bilen dürli görnüşli gymmat bahaly egremçeler ýasalyp başlanypdyr. Şol ýyllarda adamlarda ýüzügiň hili näçe ýokary bolsa, şol adamyň söýgüsi hem şonça güýçli diýen garaýyş bolupdyr. Nika ýüzüginiň daşky tegelegi ebedi söýgini, içki tegelegi bolsa geljegi aňladypdyr.**

**Näme üçin çep ele dakylýar?**

Toý ýüzügi bilen bagly däp-dessurlar XIII asyrda Rimde hem ýöredilipdir. Şol döwürde nikalaşmak dabarasynda jübütler hökmany ýagdaýda biri-biriniň barmagyna ýüzük dakypdyrlar. Olaryň söýgüsiniň nyşany ilkibaşda demirden, soňlugy bilen altyndan ýasalypdyr. Nika ýüzügini çep ele dakmak däbi



hem greklerden we rimlilerden gözbaş alýar. Bu halklar dördünji barmakda ýerleşýän «wena amoris» (söýgi damary) atly damaryň ýürege göni barýandygyna ynanypdyrlar. Şeýlelikde, söýginiň we güýjüň ýürege çalt täsir etmegi üçin nika ýüzügini çep eliň ogulhajat barmagyna dakypdyrlar. Bu ynam beýleki halklar tarapyndan goldanyp, soňlugy bilen kada öwrülipdir.

Nika ýüzügini dakmak kadasy tutuş Ýewropa, Aziýadyr Amerika ýurtlaryna hem ýaýrap ugrapdyr. 1800-nji ýyllarda amerikan erkekleri gelinligine toýdan öň gymmat lybaslary sowgat edipdirler. Toýdan soň bolsa, iňlis däp-dessuryna görä, bir jübüt altyn ýa-da kümüş ýüzügi biri-biriniň bar-



magyna ildiripdirler. Birnäçe wagtdan soň awstriýalylar tarapyndan göwher gaşly ýüzükler oýlanyp tapylýar. Emma göwher gaşly nika ýüzükleri 1900-nji ýyllardan soň köpçüligiň arasynda meşhur bolup başlaýar. Şol ýyllarda Günorta Afrikadan uly göwher känleri tapylýar. Göwher senagatyna eýeçilik edýän telekeçiler göwheriň altyndan hem gymmatdygyny we tebigatda seýrek duş gelýän daşdygyny aýdyp, islegi has-da ýokarlandyrýarlar. Şeýlelikde, göwher gaşly ýüzükleriň satuwy artyp, käbir ýerlerde göwher maşgala mirasdarlygy hökmünde nesilden-nesle geçirilipdir.

**Nika ýüzügini nähili saýlamaly?**

Toý ýüzügini saýlanyňyzda, ilki bilen, ony uzak ýyllaryň dowamynda dakynjakdygyňyzy göz öňünde tutmaly. Halaýan, özüňize oňaýly we çydamly egremçäni saýlamaly. Soňky ýyllarda altyndyr kümüşden ýasalan nika ýüzüklerine görä, platinadan (ýalpyldawuk berk metal) ýasalan halkalara has köp isleg bildirilýär. Platina tebigatda seýrek duş gelýändigi üçin öňki döwürlerde güýjüň we baýlygyň nyşany hasaplanypdyr. Altyndan iki esse gymmat hasaplanýan bu metal berkligi bilen tapawutlanýar. Platina altyna görä agyr bolup, daşky täsirlere we çyzylmalara çydamlydyr. Platinadan ýasalan nika ýüzügi hiç wagt könelmeýär, ýalpyldysy öçmeýär. Taryhda iň gymmat satylan nika ýüzügi «Pink Star» bolup, göwher ýüzügiň bahasy 71,2 million dollara deňdir.



# NÄME ÜÇIN çyzyklar bar?

**Awtoulagymyzdaky käbir düwmäniň ýa-da aýratynlygyň näme üçin goýlandygyny bilmezligimiz mümkin. Bularyň biri hem awtoulaglaryň köpüsiniň yzky aýnasynda bar bolan dik we kese çyzyklardyr. Eýsem, bu gyzyl çyzyklar näme üçin goýulýarka, näme işi ýerine ýetirýärkä?**



Maşynyň yzky aýnasyndaky gyzyl çyzyklar ulagyň dizaýnyna we yz tarapy görmeklige päsgel berip biler. Belki bu awtoulag öndürijileriň kemçiligi ýaly hem görnüp bilner. Ýöne ýagdaý beýle däl. Sowuk howada yzky aýnadaky çyzyklar arka tarapdaky hereketi anyk görmäge mümkinçilik berýär. Awtoulaglara goýulýan gyzyl çyzyklar aslynda defroster metaldan ýa-da rezinden ýasalan gözenek bolup, aýnanyň ýüzüne ýelmenip berkidilýär. Bu gözenegiň içinden gaty inçe simler geçip, ulagyň elektrik toguna berkidilýär. Elektrik togy bu simleriň üstünden geçende, ýylylyk öndürip biljek garşylyk ýüze çykýar. Bu ýylylyk awtoulagyň yzky aýnasyndaky buguň ýa-da buz gatlagynyň çaltlyk bilen aýrylmagyna mümkinçilik berýär.

**Haýsy ýagdaýda işlemeýär?**

Adatça yzky penjirede gyzdyryjynyň işlemegi awtomat ýagdaýda bolup geçýär. Awtoulag otlanandan soň 15 minutyň dowamynda defroster çyzyklarynda gyzgynlyk emele gelip, bug ýa-da buz gatlagy aýrylýar. 15 minutdan soň, gyzdyryjynyň özi öçýär. Käte yzky penjiredäki gyzdyryjynyň işlemezligi mümkin. Bu ulgamdaky näsazlyk predohraniteliň ýarylmagy, gyzdyryjy simiň üzülmegi we reziniň sowuga ýa-da Gün şöhlesine zaýalanmagy bilen bagly ýüze çykyp biler.

# Witaminlere baý ysmanak

**Ýaz we güýz aýlarynda ýetişýän saglyk üçin peýdaly iýmitlik otunyň bir görnüşi hem ysmanakdyr. Ysmanak bedeni dürli witaminler bilen «iýmitlendirmäge», zyýanly maddalardan arassalamaga kömek edýär. Ysmanagyň ata Watany ýakyn Gündogar ýurtlary hasaplanýar. Arap söwdagärleriniň bu ösümligi Ýewropa ýurtlaryna ýaýratmagy bilen ysmanak meşhur iýmit hökmünde tanalyp başlanýar. Hatda birnäçe wagtyň içinde Amerika yklymyna çenli baryp ýetýär.**

**Witaminler toplumy**

Ysmanak A, B1, B2, B6, C, PP, P, E, D2, K, demir, kaliý, sink, magniý, kalsiý hem-de saponin we fitonitrient ýaly witamindir minerallara baýdyr. Mundan başga-da, bu otuň düzüminde belok, uglewodlar, sellýuloza we ýod saklanýar. Ysmanak immuniteti we myşsalary



güýçlendirmäge, süňküň kadaly ösmegine, içegeleriň kadaly işlemegine, bedendäki toksinleri aýyrmaga, ýürek-damar ulgamynyň işini kadalaşdyrmaga, dokumalary kislorod bilen doly üpjün etmäge hem-de bedeniň alyş-çalşygyny güýçlendirmäge ýardam edýär. Düzüminde oksal turşusynyň köp bolmagy sebäpli bedendäki zyýanly daşlary aýyrmakda hem peýdasy uludyr.

**Çigmi ýa-da gaýnadylan?**

Ysmanagy çigligine hem-de gaýnadylan görnüşde iýip bolýar. Işdäaçarlar taýýarlanylanda bu ot çigligine goşulýar. Gaýnadylan görnüşde bolsa dürli görnüşli tagamlar bişirilýär. Köp ýurtda onuň deňiz önümleri bilen taýýarlanýan çorbasy meşhurdyr. Ysmanak ýokumly maddalaryň «ammary» bolup, iýmit sanawynda hökmany bolmaly iýmitleriň biri hasaplanýar.

# Nemrut – heýkeller dagy

Türkiýäniň günorta-gündogaryndaky Nemrut dagy taryhy ýadygärlikleri we täsin heýkelleri bilen görenlerde uly gyzyklanma döredýär. Nemrut dagynyň beýikligi 2 müň 134 metre barabar bolup, Toros daglarynyň gündogaryndaky iň beýik depeleriň biridir. Miladydan öňki 62-nji ýylda Kommagen şasy Antiokus I dagyň üstünde 8-9 metr beýiklikdäki ullakan heýkelleri, iki ýolbarsyň we iki bürgüdiň heýkelini gurdurýar. Bu heýkeller parfiýa we ermeni medeniýetinden nusga alnyp ýasalýar. Dagdaky her heýkeliň öz ady bolup, belli bir döwürde heýkellere zeper ýetirilýär. Heýkelleriň köpüsiniň diňe kelle bölegi saklanyp galypdyr. Nemrut dagy 1987-nji ýylda ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilýär.







## ÇAGALAR

**Diş çotgasynda ortaça 2500 töweregi tüýjagaz bar. 1938-nji ýylda neýlon tüýli diş çotgalary oýlanyp tapylýar.**

# Sahypalar näme üçin saralýar?

**Wagtyň geçmegi bilen akja sahypaly kitaplaryň saralandygyny gören bolsaňyz gerek. Könelen gazete duş geleniňizde hem bu ýagdaýy görensiňiz. Eýsem, näme üçin wagtyň geçmegi bilen sahypalar saralýarka? Geliň, bu barada öwreneliň!**



Ýyllaryň geçmegi bilen tekjede duran kitabymyz, depderimiz ýa-da makaladyr goşgularymyz çap edilen gazetimiz asyl durkuny ýitirip, saralmak bilen bolýar. Sahypalar duran ýerinde könelýär. Munuň sebäbini şeýleräk düşündirip bolar.

Kagyzlaryň köpüsi, ösümlikden we agaçdan alynýar. Üwelen külke bölejikleriň biri-birine berk ýapyşmagy üçin sellýuloza (uglerod, wodorod we kislorod atomlaryndan ybarat molekula) we lignin (çylşyrymly organik polimer) ulanylýar. Bu maddalar kagyzyň berk we dik saklanmagyna ýardam edýär.

**Kagyz näme üçin ak?**



Sellýuloza reňksiz madda bolup, ýagtylygy özüne gowy siňdirýär. Şeýlelikde, bu madda bize ak bolup görünýär. Şol sebäpli adaty kagyzlar hem ak reňkde bolýar. Lignine ýagtylyk we howa täsir edende molekulýar gurluşyny üýtgedýär. Lignin we bölekleýin sellýuloza okislenmä sezewar bolýar. Goşmaça kislorod molekulalary, molekulalar bolsa polimeriň gurluşyny üýtgedýär. Şeýlelikde, kislorod we molekulalar polimerleriň baglanyşygyny döwüp, hromoforlar diýilýän molekulýar sebiti döredýär. Grekçeden terjime edilende «hromofor» «reňk göteriji» diýen manyny berýär. Hromoforlar gözümiziň reňk hökmünde kabul edýän ýagtylygyň tolkun uzynlyklaryny görkezýär. Haçanda sahypadaky lignin polimeri oksidlenen ýagdaýynda sahypalar sary ýa-da goňur görünýär.

Kagyz öndürijiler mümkin boldugyça lignini aýyrmaga synanyşýarlar. Lignin näçe az goşulsa, kagyz aklygyna uzak saklanýar. Şeýle-de bolsa, azyk torbalaryny we karton gutulary öndürijiler berk bolmagy üçin ligninden has köp peýdalanýarlar. Hünärmenleriň pikiriçe, ak kagyzly kitaplar kislorodsyz we ýagtylyk düşmeýän ýerde saklananda hiç wagt durkuny ýitirmeýär. Gün şöhlesi kitabyň saralma hadysasyny çaltlandyrýan bolsa, kislorod kitabyň duşmany hasaplanýar.

# Diş çotgasy haçan oýlanyp tapyldy?



Gadymy wawilonlylar we müsürliler dişini arassalamak üçin hoşboý ysly agaçlaryň şahajyklaryndan peýdalanypdyrlar. Şeýle taýajyklaryň pars salwadorasy (latynça: «Salvadora persica») atly gyrymsy agaçdan alnan görnüşine meswäk diýilýär. Bu ösümlik Demirgazyk Afrikada, Hindistanda, Pakistanda we Şri-Lankada tebigy ýagdaýda ösýär.

Arap ýarymadasynda diş çotgasynyň miladydan öňki 3000-nji ýyllarda oýlanyp tapylandygy çaklanylýar. «Diş taýajyklary» diýlip atlandyrylan arassaçylyk enjamyny hytaýlylar kämilleşdirýär. 1498-nji ýylda Hytaýda diş çotgasynyň döwrebap görnüşine patent alynýar. Täze çotga süňk ýa-da bambuk taýajyga oturdylan doňzuň tüýünden ybarat bolupdyr. Wagtyň geçmegi bilen Hytaýdan Ýewropa ugradylan diş çotgalary kämilleşdirilip, ýewropalylar atyň ýumşak tüýüni ulanyp ugraýarlar. 1780-nji ýyllarda Angliýada diş çotgasynyň döwrebap görnüşi ýasalýar. 1844-nji ýylda häzirkilere meňzeş 3 hatar tüýli çotgalar oýlanyp tapylýar. Emma bu çotgalar dişi arassalamakda dürli bökdençlikler döredýär. 1938-nji ýylda fransuz-amerikan himigi we senagatçysy Dupont de Nemours neýlon diş çotgasyny oýlap tapýar. Şeýlelikde, diş çotgasyny öndürmekde uly netije gazanylýar. 1939-njy ýylda Şweýsariýada ilkinji elektrik diş çotgasy oýlanyp tapylýar. Häzirki wagtda bu arassaçylyk enjamynyň islendik ýaşdaky adama niýetlenen we ekologiýa taýdan arassa «akylly» görnüşleri hem bar.

**DIŞ ÇOTGASY BARADA GYZYKLY MAGLUMATLAR**

- Möhüm arassaçylyk enjamy bolan diş çotgasyny azyndan 3 aýdan çalşyp durmaly. Diş etine zeper ýetmezligi üçin diş çotgasynyň iň gowy markasyny we görnüşini saýlap almaly.
- Gadymy döwürlerde dişi arassalamak üçin gabygy syrylan hoşboý ysly agaç şahajyklary we guşuň ýelegi ulanylypdyr.
- Ilkinji diş çotgasy Hytaýda oýlanyp tapylýar. Tutawajy süňkden ýa-da bambukdan ýasalan çotgalara doňzuň ýumşak tüýi oturdylypdyr.
- Diş çotgasynda ortaça 2500 töweregi tüýjagaz bar.
- 1938-nji ýylda neýlon tüýli diş çotgalary oýlanyp tapylýar.
- Bambuk diş çotgasyny öndürmekde çig mal hökmünde ulanylýar.
- Käbir adam diş çotgasyny ýapyk gapda saklamagy dogry hasaplaýar. Emma dişiňi ýuwanyňdan soň diş çotgasyny ýapyk gaba salyp goýmak bakteriýalaryň köpelmegine getirýär.
- Dişine sim dakylan ýa-da dişine bejergi alýan adamlar üçin ýörite kertikli diş çotgalary bolup, tapawutlandyrmak üçin «V» bilen belgilenýär.

# Anhinga – ýylanboýun guş



Günorta Amerikada, Karib deňzinde duş gelýän täsin guşlaryň biri hem anhinga bolup, bu guşlar ýylana meňzeş uzyn boýny bilen tapawutlanýar. Deňiz kenarlarynda, gyrymsy agaçly meýdanda ýaşaýan bu guşlar uçup, ýüzüp we suwa çümüp bilýärler. Boýy 85 santimetre ýetýän anhinganyň agramy 2 kilogramdan geçmeýär. Ganatynyň uzynlygy 117 santimetre barabar bolan bu guşlaryň kiçijik kellesi bolup, boýny egrem-bugram görnüşdedir. Ganatynyň giňligi anhingalaryň aňsatlyk bilen uçmagyna we ýüzmegine ýardam edýär. Ördegiňkä meňzeş perdeli aýagy bolan bu guşlar ýüzmäge, gyrymsy agaçlara we daşlara dyrmaşmaga mümkinçilik berýär. Anhingalar ugry kesgitlemek, durmak we deňagramlylygy sazlamak üçin ýelpewaja meňzeş uzyn guýrugyndan peýdalanýarlar. Aýagy gysga diýmeseň, bu guşlar uzakdan seredeniňde gerona hem meňzeýär.

Ak-gara ýa-da ýaşyl-gara ýelek bilen örtülen ýylanboýun guşlar, esasan, balyk bilen iýmitlenýärler. Balyk tutmak üçin bu guşlar suwa girende diňe kellesi görnüp, göwresi aşak çümýär. Anhingalar balykdan başga ownuk jandarlary we mör-möjekleri hem iýýärler. Ýylanboýun guşlar çaltlyk bilen ýüzüp bilmeseler-de, ökde awçylar hasaplanýar. Bu guşlar awuny ilki nyşana alýarlar, soňra suwuň aşagyndan ýuwaşjadan baryp, birden awuna okdurylýarlar. Anhingalar aýratyn goralyp saklanmasa-da, Amerikada bu guşlar barada her ýyl seljerme berilýär.

**Labirint**



**8 tapawudy tapyň!**





**Şekilli sudoku**

**Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.**



**Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!**





# 81-nji Wenesiýa film festiwaly tamamlandy

Dünýäniň iň gadymy film festiwaly Wenesiýa kino şüweleňi tamamlandy. 81-nji gezek geçirilen festiwalda baş baýraga – «Altyn ýolbars» baýragyna ispaniýaly ussat režissýor Pedro Almodowaryň «Goňşy otag» (La habitación de al lado) filmi mynasyp boldy. Režissýoryň iňlis dilindäki ilkinji filminde baş keşpleri Julianna Mur bilen Tilda Swinton janlandyrýar. Melodrama görnüşli filmde ýaşaýyş we ölüm barada söhbet açylýar.


Pedro Almodowar

11 günläp dowam eden festiwalyň 2-nji uly baýragyna – Eminleriň «Gran Pri» baýragyna italiýaly Maura Delpero mynasyp bolup, ol «Wermilio» (Vermiglio) filmi üçin bu hormata laýyk görüldi. Gruziýaly režissýor Dea Kulumbegaşwili «Aprel» (April) filmi üçin eminleriň Ýörite baýragy bilen sylaglandy. Bredi Kobert «Brutalist» (The Brutalist) filmi bilen iň gowy režissýor «Kümüş ýolbars» baýragyna mynasyp boldy. Filmde Adrian Brodi bilen Felisiti Jons baş keşpleri ýerine ýetirýär.

Iň gowy aktýor we aktrisa berilýän «Volpi» kuboklaryna Wensan Lindon bilen Nikol Kidman laýyk görüldi. Iň gowy aktýor ugry boýunça «Ýuwaş ogul» (Jouer Avec le Feu) filmindäki keşbi üçin fransiýaly aktýor Wensan Lindon saýlandy. Oskarly Nikol Kidman bolsa «Gögele» (Babygirl) filmindäki keşbi üçin iň gowy aktrisa baýragyna mynasyp boldy.


Sigurni Wiwer

Iň gowy ssenariý üçin berilýän «Altyn ozella» baýragy braziliýaly meşhur režissýor Wolter Sallesiň «Men henizem bu ýerde» (Ainda Estou Aqui) filminiň edebi esasyny ýazan Murilo Hauzer bilen Heitor Lorega gowşuryldy.

Iň ökde ýaş artiste berilýän Marçello Mastroianni baýragyny «Olardan soň olaryň çagalary» (Leurs enfants après eux) filmindäki keşbi üçin 22 ýaşly aktýor Pol Kirçer eýeledi.

Festiwalyň Orizzonti bölüminde-de ýeňijiler belli bolup, rumyniýaly režissýor Bogdan Mureşanunyň «Täze ýyl hiç haçan gelmedi» (Anul Nou care n-a fost) atly kinosy iň gowy film diýlip saýlandy.

1932-nji ýyldan bäri geçirilip gelinýän Wenesiýa film festiwalynda 1969-njy ýyldan bäri (1973-1981-nji ýyllar aralygynda gowşurylmady) ajaýyp karýera üçin kino sungatynyň ägirtlerine ýörite hormat sylagy hem gowşurylyp gelinýär. Bu ýyl şol baýraga amerikaly meşhur aktrisa Sigurni Wiwer bilen awstraliýaly ssenariçi, režissýor Piter Weir laýyk görüldi.

**81-nji WENESIÝA FILM FESTIWALYNYŇ ÝEŇIJILERI:**

- **«Altyn ýolbars» baýragy:** «Goňşy otag» (La habitación de al lado) — Pedro Almodowar.
- **Eminleriň «Gran Pri» baýragy:** «Wermilio» (Vermiglio) — Maura Delpero.
- **Eminleriň Ýörite baýragy:** «Aprel» (April) — Dea Kulumbegaşwili.
- **Iň gowy režissýor «Kümüş ýolbars» baýragy:** Bredi Kobert — «Brutalist» (The Brutalist).
- **Iň gowy aktýor «Volpi» kubogy:** Wensan Lindon — «Ýuwaş ogul» (Jouer Avec le Feu).
- **Iň gowy aktrisa «Volpi» kubogy:** Nikol Kidman – «Gögele» (Babygirl).
- **Iň gowy ssenariý «Altyn ozella» baýragy:** «Men henizem bu ýerde» (Ainda Estou Aqui) — Murilo Hauzer bilen Heitor Lorega.
- **Iň ökde ýaş artist Marçello Mastroianni baýragy:** Pol Kirçer — «Olardan soň olaryň çagalary» (Leurs enfants après eux).


Wensan Lindon


Bredi Kobert


Dea Kulumbegaşwili


Maura Delpero


Murilo Hauzer, Heitor Lorega

## Kino täzelikleri



► «Hollywood»-yň meşhur popkorn franşiz kinolaryndan «Ýura eýýamynyň dünýäsi» (Jurassic World) filmleriniň täze böluminiň ekranlaşdyryljakdygy resmi ýagdaýda mälim edildi. «Ýura eýýamynyň dünýäsi: täzeden dogluş» (Jurassic World Rebirth) diýlip atlandyrylýan bu filmde baş keşplerde Skarlett Ýohansson, oskarly aktýor Maherşala Ali, Jonatan Beýli hem-de Rupert Frend dagy surata düşerler. «Universal Pictures» hem-de «Amblin Entertainment» studiýalarynyň bilelikdäki önümi boljak filme Garet Edwards režissýorlyk eder. Filmiň ssenarisini asyl filmiň ssenariçisi Dewid Koepp ýazar. Filmde 2022-nji ýylda ekranlara çykan «Ýura eýýamynyň dünýäsi: Dominion» filminden 5 ýyl soňky wakalar barada gürrüň berler. Umumylykda seriýanyň 7-nji kinosy boljak täze film 2025-nji ýylyň 2-nji iýunynda kinoteatrlarda görkezilip başlanar.



► Köpleriň söýgüsini gazanan «Ouşens» filmler toplumynyň 4-njisiniň surata düşüriljekdigi ozal habar berlipdi. «Ouşens 14» (Ocean's 14) ady bilen ekranlaşdyryljak filmde oskarly ussat aktýorlar Jorj Kluni bilen Bred Pittiň surata düşjekdigi hem habar berildi. Filme «Günbatar frontda täzelik ýok» (Im Westen nichts Neues) kinosy bilen adygan germaniýaly Edward Berger režissýorlyk eder. Häzirki wagtda filmiň ssenarisiniň taýýarlygy ýokary depginde dowam edýär. Filmde Mett Damon bilen Keýzi Afflegiň hem öňki keşplerinde surata düşmegine garaşylýar. Stiwen Soderbergiň režissýorlyk eden ilkinji 3 filmi – «Ouşens 11», «Ouşens 12», «Ouşens 13» atlary bilen 2001—2007-nji ýyllar aralygynda ekranlaşdyrylyp, kino muşdaklarynyň ýokary söýgüsini gazanypdy.



► Oskarly meşhur aktrisa Keýt Winslet «The Regime» serialyndan soň ýene bir serialda surata düşer. «The Spot» diýlip atlandyrylýan serial A24 hem-de «20th Television» studiýalarynyň önümi bolan serial «Hulu»-da ýaýlyma berler. Serial Ed Solomonyň prodýuserliginde bolup, ussat aktrisa bu ekran eserinde lukmanyň keşbini janlandyrar. Serialyň ssenarisini hem Ed Solomonyň özi ýazar. «Mildred Pierce», «Mare of Easttown», «The Regime» seriallarynda baş keşplerde surata düşen aktrisa «The Spot» serialyndan soň HBO-nyň önümçiligindäki «Trust» serialynda çykyş eder.



► Meşhur režissýor Dewid Finçer täze ekran eseri «Bitterroot» filminiň önümçiligine başlady. Western görnüşli film «Netflix» platformasynyň önümi bolar. Mälim bolşy ýaly, režissýor 2020-nji ýylda «Netflix» bilen uzak möhletleýin şertnama baglaşypdy. Platforma üçin 3 sany serial bilen bir hatarda, «Mank» (Mank), «Ganhor» (The Killer) filmlerini surata düşüren režissýor täze filmi üçin kasting işlerine badalga berdi. Klint Istwudyň «Unforgiven» filmine çalymdaş boljak täze kinoda surata düşjek artistler hem-de onuň platformada görkeziljek wagty öňümizdäki günlerde belli bolar.

## Täze film

**Ady:** «Eýmenç adamlar» (Uglies);
**Režissýory:** Makji (McG);
**Keşplerde:** Joui King, Keit Pawers, Çeýz Stouks, Briann Týu, Lawern Koks;
**Ssenariçi:** Jeýkob Forman, Wanessa Teýlor, Wit Anderson (Skott Westerfeldiň adybir eseri esasynda);
**Prodýuseri:** Jon Dewis, Jordan Dewis, Robin Meisinjer, Dan Spilo, Makji, Meri Wiola;
**Kompozitory:** Edward Şirmur;
**Öndüriji:** «Davis Entertainment», «Anonymous Content», «Industry Entertainment», «Wonderland Sound and Vision»;
**Paýlaýjy:** «Netflix»;
**Görnüşi:** ylmy-fantastik, uruşly;
**Dowamlylygy:** 100 minut;
**Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe.

Fantastik eserleri bilen dünýä belli amerikaly ýazyjy Skott Westerfeldiň «Eýmenç adamlar» (Uglies) atly romany esasynda surata düşürilen bu filme doly ady Ýosef MakGinti Nihola bolan Makji režissýorlyk edýär. Režissýor «Charlie's Angels», «Terminator Salvation», «The Babysitter» ýaly filmler bilen meşhurlyga eýedir.

«Netflix»-iň önümi bolan filmde baş keşbi Joui King janlandyrýar. Ondan başga-da, Keit Pawers, Çeýz Stouks, Briann Týu, Lawern Koks ýaly artistler hem dürli keşpleri ýerine ýetirýär. ABŞ-da surata düşürilen ylmy-fantastik filmde Talli atly gyzyň geljekdäki durmuşy barada söhbet açylýar. Film şu günden başlap «Netflix»-iň kinotekçesinde orun alar.









## 40-njy SKANWORD

**Wepa ŞYHYÝEW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## 46-njy KROSSWORD

**KESELIGINE:** **1.** Milli tagamlaryň biri. **4.** «... söz ýylany hinden çykarar» (nakyl). **8.** Guralyň, enjamyň tutulýan ýeri. **11.** Biriniň ugrunda aladaly zähmet çekmek. **12.** Toparlaýyn sportda ulanylýan sport enjamy. **13.** Daýhançylyk, maldarçylyk bilen meşgullanýan ilatly ýer. **14.** Dünýäde iň gadymy uniwersitetleriň biri. **15.** «Garynja gara günde, ... saz bilen söhbetde» (nakyl). **16.** Kaktusyň dekoratiw görnüşi. **18.** Sport aýakgaby. **19.** «... ýarasy biter, dil ýarasy bitmez» (nakyl). **21.** Çalymtyl-ak reňkli sozulagan ýeňil metal. **24.** Ýeterlik. **25.** Çalt ylgaýan, emma uçup bilmeýän uly guş. **26.** Bir zada bolan erk. **28.** Eliň iç ýüzi. **29.** Gyradeň, birsydyrgyn. **31.** Agajyň bir görnüşi. **33.** Himiki element. **34.** Suwuň akýan ugry. **38.** Süýt we gatyk önümlerinde uglewod. **39.** Günorta Amerikada bir döwlet. **40.** Diskiň bir görnüşi «...-ray». **41.** Materik. **42.** Türkmen milli tagamy. **43.** «Çaý» sözüniň iňlisçesi. **44.** Guýrugy arkan jaýtaryp duran, zäherli möjejik. **45.** Orta Aziýada bir deňiz.

**DIKLIGINE:** **2.** Goldawsyz, hossarsyz. **3.** Aziýada bir döwlet. **5.** Saz guraly. **6.** Miwe. **7.** Agymtyl reňkde bolan. **8.** Çehiýanyň iň uly awtoulag öndürijisi. **9.** Çehiýanyň paýtagty. **10.** Lakam. **17.** Ýuwaş ummanynda ada döwleti. **20.** Türkmen gelin-gyzlarynyň ýakalaryna dakynýan ýüzi gaşly tegelek bezeg şaýy. **22.** Ulagyň bir görnüşi. **23.** Bahyl, görip. **24.** Stol oýny. **27.** Äpet, uly. **28.** Iki öň aýagy gysga, art aýaklary uzyn, guýrugynyň ujy garaja ýalman. **29.** Tebigaty we daşky gurşawy öwrenýän ylmyň bir şahasy. **30.** Merkezi Amerikada bir döwlet. **32.** Gowaça boýly dik ösýän bakja ekini. **33.** Päsgelçilik, böwet. **35.** Buddizmde «dünýäni, älemi» aňladýan simmetrik suratlar. **36.** Gala, berkitme (köne söz). **37.** Parahat, dynç.



**Alyhan NOWRUZOW,** *S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby.*

### 38-nji skanwordyň jogaby:



### 39-njy skanwordyň jogaby:



### 45-nji krosswordyň jogaby:



# Ýaponiýanyň ýygyndysy 2 duşuşykda 12 gol geçirdi

**Dünýä Kubogynyň Aziýa zolagy boýunça 3-nji saýlama tapgyrynyň 1-2-nji duşuşyklary geçirildi. 1-nji duşuşyklaryň käbirinde garaşylmadyk netijeler hasaba alyndy.**

«A» toparçada Özbegistanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Demirgazyk Koreýany Maşaripowyň 20-nji minutdaky goly bilen 1–0



hasabynda ýeňdi. Eýran hem şol hasap bilen Gyrgyzystandan üstün çykyp, ýeke-täk goly 34-nji minutda Mehdi Taremi geçirdi. Kataryň ýygyndysynyň öz meýdançasynda BAE-den 3–1 hasabynda utulmagy garaşylmadyk netije boldy. 1-nji ýarymda Al-Hassanyň goly bilen öňe geçen katarlylar 2-nji ýarymda 3 gol geçirtdiler. BAE-niň ýygyndysyna ýeňiş getiren gollary Abdalla (68), Ibrahim (80) hem-de Saleh (90+4) geçirdi. 2-nji duşuşyklarda Özbegistanyň ýygyndysy myhmançylykda Gyrgyzystany ýer eýeleriniň 2 gezek öňe saýlanandygyna garamazdan, 3–2 hasabynda ýeňdi (Kožo 15, Abdurahmanow 35 — Şomurodow 17, Alikulow 45, Urunow 72). Eýranyň ýygyndysy bu tapgyrda-da iň kiçi hasap bilen ýeňiş gazanyp, olar myhmançylykda BAE-ni Gaýediniň 45+3-nji minutdaky goly esasynda 1–0 hasabynda utdy.

**«A» toparça:** Özbegistan — D. Koreýa: 1–0, Eýran — Gyrgyzystan: 1–0, Katar — BAE: 1–3; D. Koreýa — Katar: 2–2, Gyrgyzystan — Özbegistan: 2–3, BAE — Eýran: 0–1.

**«B» toparçada** Günorta Koreýanyň ýygyndysyna öz meýdançasynda Palestinany ýeňmek başartmady (0–0). Ýöne koreýler 2-nji duşuşygynda myhmançylykda Omany 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykdaky 4 goly-da koreýler geçirdi (Çon Syn Hýon 45+2 ö.d. — Hwan Hi Çan 10, Son Hyn Min 82, Žu Min Kýu 90+11). Yragyň ýygyndysy Omany Husseiniň 13-nji minutdaky goly bilen 1–0 hasabynda ýeňip, Kuweýtiň ýygyndysy bilen golsuz deňme-deň oýnady. Kuweýtiň ýygyndysy myhmançylykda Iordaniýa bilen duşuşyp, 90+2-nji minutda ýeňlişden halas boldy (Al-Tamari 14 — Nasser 90+2 p). Iordaniýa 2-nji duşuşygynda myhmançylykda Palestinany 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.



**«B» toparça:** G. Koreýa — Palestina: 0–0, Yrak — Oman: 1–0, Iordaniýa — Kuweýt: 1–1; Palestina — Iordaniýa: 1–3, Oman — G. Koreýa: 1–3, Kuweýt — Yrak: 0–0.

**«C» toparçadaky** 1-nji oýunlaryň 2-sinde garaşylmadyk netije bolup, beýlekisinde-de uly hasaply ýeňiş ýüze çykdy. Ýaponiýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Hytaýyň ýygyndysyny 7–0 hasabynda utdy. Gollary Endo (12), Mitoma (45+2), Minamino (52, 58), Ito (77), Maeda (87) hem-de Kubo (90+5) geçirdi. Ýaponlar 2-nji duşuşygynda-da myhmançylykda Bahreýniň ýygyndysyndan 5–0 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda Ueda (37 p, 47) bilen Morita (61, 64) 2 hem-de Ogawa (81) 1 gol geçirdi. 2-nji saýlama tapgyrynda-da ýeke gol geçirtmedik Ýaponiýanyň ýygyndysy 8 duşuşykdan bäri derwezesine gol geçirtmän gelýär. Ýaponiýa şol 8 oýunda 36 gol geçirdi.

Awstraliýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Bahreýnden 1–0 hasabynda asgyn geldi. Ýeke-täk goly 89-njy minutda Sutter öz derwezesinden geçirdi. Indoneziýa bilen golsuz deňme-deň oýnan Awstraliýa 3-nji tapgyra garaşylyşyndan juda şowsuz başlady.

Saud Arabystanynyň ýygyndysy bolsa öz meýdançasynda Indoneziýa bilen 1–1 hasa-



bynda deňme-deň oýnady (Al-Juwaýr 45+3 — Oratmangoen 19). Ýöne olar 2-nji duşuşygynda myhmançylykda Hytaýy Kadeşiň 39-njy we 90-njy minutlarda geçiren gollary esasynda 2-1 hasabynda ýeňdi.

**«C» toparça:** Ýaponiýa — Hytaý: 7–0, Awstraliýa — Bahreýn: 0–1, Saud Arabystany — Indoneziýa: 1–1; Bahreýn — Ýaponiýa: 0–5, Hytaý — Saud Arabystany: 1–2, Indoneziýa — Awstraliýa: 0–0.



## «Hyundai Shell Mobis» toparynyň sürüjileriniň ýeňşi

**Dünýä Ralli çempionatynda (WRC) möwsüminiň 10-njy ýaryşy Akropolis Rallisi Gresiýanyň Lamiýa şäherinde geçirildi. 15 tapgyrly 305,30 kilometrlik ýaryşda «Hyundai Shell Mobis» toparynyň belgiýaly sürüjisi Tierri Noýwill ýeňiş gazandy. Ol ýaryşy 3 sagat 38 minut 04,2 sekuntda tamamlap, möwsümdäki 2-nji, karýerasyndaky 21-nji ýeňşini baýram etdi. Toparyň başga bir sürüjisi, ispaniýaly Dani Sordo ýeňijiden 1 minut 46,8 sekunt soň pellehanadan geçip, 2-nji orny eýeledi. Ýene-de şol topardan estoniýaly sürüji Ott Tanak ýeňijiden 2 minut 57,3 sekunt az netije görkezdi we münberiň 3-nji basgançagyna çykdy.**

**Möwsümiň tamamlanmagyna 3 ýaryş galanda, Tierri Noýwill 192 utuk bilen sürüjileriň sanawynda öňde barýar. Bu ýaryşdan soň 2-nji orna beýgelen Ott Tanagyň 158, 3-nji basgançakdaky Sebastien Ožieniň 154 utugy bar.**

**Möwsümiň 11-nji ýaryşy 26-29-njy sentýabr aralygynda Çilide geçiriler.**



## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*13-nji sentýabr (anna)*
Borussiýa D – Haýdenhaým (23:30)

*14-nji sentýabr (şenbe)*
Southempton – M. Ýunaýted (16:30)
Leipsig – Union Berlin (18:30)
Hoffenhaým – Baýer (18:30)
**SSKA – Zenit (18:30)**
Man. Siti – Brentford (19:00)
Liwerpul – N. Forest (19:00)
Marsel – Nissa (20:00)
Empoli – Ýuwentus (21:00)
Holştaýn – Bawariýa (21:30)
Milan – Wenesiýa (23:45)
**R. Sosiedad – Real Madrid (00:00)**
PSŽ – Brest (00:00)

*15-nji sentýabr (ýekşenbe)*
**Tottenham – Arsenal (18:00)**
Žirona – Barselona (19:15)
**Trabzonspor – Beşiktaş (22:00)**
Monza – Inter (23:45)
**Atletiko – Walensiýa (00:00)**

# «AMERIKA AÇYGYŇ» TÄZE ÇEMPIONLARY

**Tennis boýunça möwsümiň 4-nji «Uly tuwalga» ýaryşy bolan «Amerika Açyk» bäsleşigi tamamlandy. Umumy baýrak gaznasy 75 million dollara deň bolan we 144-nji gezek geçirilen ýaryşda erkekleriň arasynda italiýaly Ýannik Sinner, zenanlardan belarusly Aryna Sabalenka ýeňiji boldy. Olaryň ikisi-de finalda amerikaly tennisçilerden üstün çykyp, 3,6 million dollarlyk pul baýragyny gazandy. 1988-nji ýyldan soň bir ýylyň dowamynda gaty örtükli (hard) meýdançadaky 2 «Uly tuwalga» ýaryşynda-da («Awstraliýa Açyk», «Amerika Açyk») erkeklerdenem, zenanlardanam şol bir tennisçi ýeňiji boldy. Iki tennisçi-de karýeralaryndaky 16-njy kuboklaryny gazandy.**

### Ilkinji italiýaly erkek tennisçi

● Erkekleriň arasyndaky finalda sanawyň 1-nji belgilisi Ýannik Sinner bilen 12-nji basgançakdaky amerikaly Teýlor Frits duşuşdy. Duşuşyk 2 sagat 16 minutda tamamlanyp, italiýaly Sinner 3 setde garşydaşyndan üstün çykdy. 1-nji setde 6:3, 2-nji setde 6:4, 3-nji setde bolsa Frits 5:3 öňe geçse-de, Sinner 7:5 ýeňiş gazanyp,



«Amerika Açykdaky» ilkinji çempionlygyny baýram etdi. Bu onuň şu ýylky «Awstraliýa Açykdan» soň «Uly tuwalgalardaky» 2-nji çempionlygy boldy. Ol «Amerika Açykda» ýekeleýin ýaryşda çempionlyk gazanan ilkinji italiýaly erkek tennisçi hökmünde hasaba alyndy. Sinner «Açyk döwürde» Mats Wilander, Rojer Federer hem-de Nowak Jokowiç dagydan soň bir ýylyň dowamynda gaty örtükli kortlardaky 2 «Uly tuwalga» ýaryşynda çempionlyk gazanan 4-nji tennisçi boldy.

Bu ýeňiş Sinneriň karýerasyndaky 16-njy ATP çempionlygy bolup, ol şu ýyl ýeke gezek hem finalda utulman, 6-njy kubogyny asmana göterdi.

Erkekleriň arasynda 18 ýyldan soň «Amerika Açykda» finala çykan ilkinji amerikaly tennisçi bolan Teýlor Frits ilkinji «Uly tuwalga» çempionlygynyň bosagasyndan gaýtdy. Frits ýarym finalda watandaşy Fransis Tiafony (4:6, 7:5, 4:6, 6:4, 6:1), Sinner bolsa britaniýaly Jek Dreperi (7:5, 7:6, 6:2) ýeňipdi.

### 25-nji çempionlyk indiki ýyla galdy

● ATP sanawynyň 2-nji basgançagyndaky serbiýaly Nowak Jokowiç «Amerika Açykda» hem çempionlyga ýetip bilmän, onuň 25-nji «Uly tuwalga» kubogy indiki ýyla galdy. 3-nji tapgyrda awstraliýaly Aleksei Popyrinden asgyn gelen 37 ýaşyndaky Jokowiç üçin bu ýylky ýaryş 2006-njy ýyldan soň iň ir tamamlanan «Amerika Açyk» bäsleşigi boldy. Jokowiç 2017-nji ýyldan soň ilkinji gezek bir möwsümi «Uly tuwalgasyz» tamamlady. Nowak Jokowiç soňky gezek «Uly tuwalgalarda» geçen ýyl «Amerika Açykda» ýeňiji bolupdy.



Şu ýylky «Rolan Garros» hem-de «Wimbledon» ýaryşlarynyň çempiony, «Amerika Açygyň» 2022-nji ýyldaky ýeňijisi, ATP sanawynyň 3-nji belgilisi, ispaniýaly Karlos Alkaras 2-nji tapgyrda Botiç wan de Zandshulpdan asgyn geldi (Niderlandlar).

### 2002-nji ýyldan soň ilkinji gezek

● Şeýle-de, 2002-nji ýyldan bäri ilkinji gezek «Uly tuwalgalarda» «Uly üçlük» (Rojer Federer, Rafael Nadal, Nowak Jokowiç) diýilýän tennisçileriň hiç biri-de çempionlyk gazanyp bilmedi.

### Sabalenka bu gezek ýeňiji

● Zenanlaryň arasyndaky finalda sanawyň 2-nji belgilisi, belarusly Aryna Sabalenka bilen 4-nji orundaky amerikaly Jessika Pegula duşuşdy. 1 sagat 53 minutlap dowam eden duşuşykda Sabalenka 2 setiň dowamynda ýeňiş gazandy. Ol 2 setde-de 7:5-lik hasaplar bilen garşydaşyndan üstün çykyp, «Amerika Açykdaky» ilkinji çempionlygyny baýram etdi. Bu onuň «Awstraliýa Açykda» yzly-yzyna gazanan çempionlyklaryndan (2023, 2024) soň «Uly tuwalgalardaky» 3-nji ýeňşidir. Ol «Amerika Açykda» çempion bolan ilkinji belarusly tennisçi hökmünde hasaba alyndy. Sabalenka geçen ýyl «Amerika Açygyň» finalynda amerikaly Koko Gauffdan asgyn gelipdi. 26 ýaşyndaky tennisçi karýerasy boýunça 16-njy WTA kubogyny gazandy. Sabalenka bir ýylyň dowamynda gaty örtükli kortlarda geçirilýän 2 «Uly tuwalga» ýaryşynda-da çempionlyk



gazanan 5-nji zenan tennisçi boldy (Steffi Graf, Monika Seleş, Martina Hingis, Anželika Kerber).

Ilkinji gezek «Uly tuwalga» finalynda oýnan Jessika Pegula ýarym finalda çehiýaly Karolina Muhowany (1:6, 6:4, 6:2), Sabalenka bolsa amerikaly Emma Nawarrony (6:3, 7:6) ýeňipdi. Sabalenka ýaryşyň dowamynda diňe 1 duşuşykda 2:1, galan duşuşyklarynda 2:0 hasaplar bilen ýeňiş gazandy.

# UEFA Milletler Ligasynyň täze möwsümine badalga berildi

**UEFA Milletler Ligasynyň täze möwsümine (2024/25) badalga berlip, toparlar toparçalardaky ilkinji 2 duşuşygyny geçirdiler. Jemi 4 ligadan ybarat ýaryşda A Liganyň 1-2-3-4-nji toparçalarynda öňdäki 2 orny eýelänler geljek ýylyň martynda çärýek finalda duşuşarlar. UEFA Milletler Ligasy 4-nji gezek geçirilip, mundan öňki 3 ýaryşda Portugaliýa (2018/19), Fransiýa (2020/21) hem-de Ispaniýa (2022/23) ýeňiji bolupdy.**

► «A» Liganyň 1-nji toparçasynda ýaryşyň ilkinji çempiony Portugaliýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda geçiren duşuşyklarynda Horwatiýany-da, Şotlandiýany-da 2–1 hasaplar bilen utdy. 39 ýaşyndaky super ýyldyz Kristiano Ronaldo 2 duşuşykda



hem tapawutlanyp, onuň karýerasyndaky gollaryň sany 900-den geçdi. Şotlandiýany myhmançylykda 90-njy minutdan soň geçiren goly bilen 3–2 hasabynda ýeňen Polşa myhmançylykda Horwatiýadan utuldy (1–0). Duşuşykdaky ýeke-täk goly 52-nji minutda jerime urgusyndan Luka Modriç geçirdi. 9-njy sentýabrda 39 ýaşyny dolduran Luka Modriç milli ýygyndyda 180 gezek meýdança çykyp, bu ugurda Serhio Ramos bilen deňleşdi we Ýewropada Kristiano Ronaldodan soň 2-nji orunda barýar.

### 70 ýyldan soň myhmançylykdaky ilkinji ýeňiş

► «A» Liganyň 2-nji toparçasynda Fransiýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda Italiýanyň ýygyndysyny kabul etdi. Duşuşyga fransuzlar eýýäm Nikola Barkolanyň 14-nji sekuntda geçiren goly bilen 1-0 öňde başlady. Bu gol Fransiýanyň milli ýygyndysynyň taryhyndaky iň çalt gol hökmünde hasaba alyndy. Ýöne soňlugy bilen özüni dürsän italýanlar 30-njy minutda Federiko Dimarkonyň owadan goly bilen hasaby deňledi, 51-nji minutda-da Dawide Fratteziniň goly esasynda öňe saýlandy. 74-nji minutda-da Jakomo Raspadori oýna soňky nokady goýup, 3–1 hasabynda ýeňiş gazanan Italiýa Fransiýany 1954-nji ýyldan soň ilkinji gezek myhmançylykda ýeňlişe sezewar etdi. Şol bir wagtyň özünde-de Italiýanyň ýygyndysy Russiýadan soň



(1999, 3–2) soňky 25 ýylda myhmançylykda Fransiýanyň derwezesinden 3 gol geçiren ilkinji topar boldy. Toparçadaky beýleki duşuşykda Belgiýa öz meýdançasynda Ysraýyly 3–1 hasabynda ýeňdi (De Bruýne 21, 52 p, Tilemans 48 — Kastaňýe 36 ö.d.).

2-nji duşuşyklarda Italiýa Wengriýada Ysraýyly Dawide Frattezi (38) hem-de Moýza Keniň (62) gollary bilen 2–1 hasabynda utdy. Fransiýa bolsa Mbappeniň 2-nji ýarymda oýna giren duşuşygynda Belgiýany Kolo Muaniniň (29) hem-de Usman Dembeleniň (57) gollary esasynda 2–0 hasabynda ýeňdi.

«A» Liganyň 3-nji toparçasynda Germaniýa-da, Niderlandlaram 1-nji oýunlarynda 5 golly ýeňiş gazandy. Germaniýanyň ýygyndysy Wengriýany Füllkrug (27), Musiala (58), Wirts (66), Pawlowiç (77) hem-de Hawerts (81 p) dagynyň gollary bilen 5–0 hasabynda ýeňdi. Duşuşykda 2-nji goly geçiren Musiala 3 goluň hem pasyny berdi. Niderlandlaryň ýygyndysy-da Bosniýa we Gersegowinanyň ýygyndysyndan 5–2 hasabynda üstün çykdy. Duşuşykda Niderlandlardan Zirkzee (13), Reinders (45+2), Gakpo (56), Weghorst (88), Simons (90+2), bosniýalylardan bolsa Demirowiç (27) bilen Jeko (73) tapawutlandy. Amsterdamda oýnalan Niderlandlar bilen Germaniýanyň ýygyndylarynyň arasyndaky oýunda ýeňiş gazanan bolmady (Reinders 2, Dumfris 50 — Undaw 38, Kimmih 45+3).





«A» Liganyň 4-nji toparçasynda Serbiýa bilen myhmançylykda golsuz deňme-deň oýnan Ispaniýanyň ýygyndysy myhmançylykda Şweýsariýany Hoselu (4), Fabian Ruiz (13, 77) hem-de Ferran Torresiň (80) gollary bilen 4–1 hasabynda utdy. Daniýanyň ýygyndysy bolsa ilki Şweýsariýany, soňra-da Serbiýany 2–0 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. 1-nji oýunda Dorgu (82) bilen Hýoýberg (90+2), 2-nji duşuşykda Groenbek (36) bilen Poulsen (61) tapawutlandy.

**1-nji toparça:** Portugaliýa — Horwatiýa: 2–1, Şotlandiýa — Polşa: 2–3; Portugaliýa — Şotlandiýa: 2–1, Horwatiýa — Polşa: 1–0

**2-nji toparça:** Belgiýa — Ysraýyl: 3–1, Fransiýa — Italiýa: 1–3; Ysraýyl — Italiýa: 1–2, Fransiýa — Belgiýa: 2–0

**3-nji toparça:** Germaniýa — Wengriýa: 5–0, Niderlandlar — Bosniýa: 5–2; Wengriýa — Bosniýa: 0–0, Niderlandlar — Germaniýa: 2-2

**4-nji toparça:** Daniýa — Şweýsariýa: 2–0, Serbiýa — Ispaniýa: 0–0; Daniýa — Serbiýa: 2–0, Şweýsariýa — Ispaniýa: 1–4

### 100-nji oýunda 2 gol

► «B» Liganyň 1-nji toparçasynda taryhynda ilkinji gezek Ýewropa çempionatynda çykyş eden Gruziýanyň ýygyndysynyň şowly ýörişi dowam edýär. Gruzinler ilki öz meýdançasynda çehleri Kwaresheliýanyň (33 p), Çakwetadzeniň (53), Mikautadzeniň (63) hem-de Koçoraşwiliniň (66) gollary bilen 4-1 hasabynda ýeňdi. 2-nji duşuşygynda bolsa Gruziýa myhmançylykda Albaniýadan Koçoraşwiliniň 71-nji minutdaky goly esasynda 1–0 hasabynda üstün çykdy. 2-nji toparçada-da Angliýa hem Irlandiýany, hem-de Finlýandiýany 2–0 hasaplar bilen utdy. 1-nji duşuşykdaky gollary asly irland oýunçylar Deklan Raýs bilen Jek Griliş geçirdi. 2-nji duşuşykda bolsa milli topardaky 100-nji duşuşygyny oýnan Harri Keýn 2 gezek tapawutlandy. Ol Bobbi Çarlton hem-de Weýn Runiden soň 100-nji duşuşygynda gol geçiren 3-nji iňlis futbolçysy boldy. Şeýle-de, Keýn Angliýanyň ýygyndysynda 100 duşuşyk oýnan 10-njy futbolçy bolup, ol şu wagta çenli 68 gol geçirdi. 3-nji toparçada Norwegiýa Awstriýany Sabitseriň goluna garşylyk Mire hem-de Holannyň gollary bilen 2–1 hasabynda utdy. Gazagystany Benýamin Şeşkonyň het-trigi esasynda 3–0 hasabynda ýeňen Sloweniýa 1-nji duşuşygynda Awstriýa bilen deňme-deň oýnady. Şol duşuşykda-da Sloweniýanyň ýeke-täk goluny Şeşko geçirdi. 4-nji toparçada Uels bilen golsuz deňme-deň oýnan Türkiýäniň ýygyndysy öz meýdançasynda Is-



landiýany Kerem Aktürkoglunyň 3 goly bilen 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

**1-nji toparça:** Gruziýa — Çehiýa: 4–1, Ukraina — Albaniýa: 1–2; Albaniýa — Gruziýa: 0–1, Çehiýa — Ukraina: 3–2

**2-nji toparça:** Irlandiýa — Angliýa: 0–2, Gresiýa — Finlýandiýa: 2–0; Angliýa — Finlýandiýa: 2–0, Irlandiýa — Gresiýa: 0–2

**3-nji toparça:** Gazagystan — Norwegiýa: 0–0, Sloweniýa — Awstriýa: 1–1; Norwegiýa — Awstriýa: 2–1, Sloweniýa — Gazagystan: 3–0

**4-nji toparça:** Islandiýa — Garadag: 2–0, Uels — Türkiýe: 0–0; Garadag — Uels: 1–2, Türkiýe — Islandiýa: 3–1

* * *

«C» Liganyň 1-nji toparçasynda Şwesiýanyň ýygyndysy ilki Azerbaýjany 3–1, soňra öz meýdançasynda Estoniýany 3–0 hasaplar bilen ýeňdi. 1-nji oýunda Dýokereş 1 (80 p), Isak 2 (65, 71), 2-nji oýunda Dýokereş 2 (30, 44), Isak 1 (40) gol geçirdi. 2-nji toparçada Rumyniýanyň ýygyndysy hem şol hasaplar bilen ýeňiş gazandy. Ilki myhmançylykda Kosowonyň ýygyndysynyň derwezesinden jogapsyz 3 gol geçiren Rumyniýa öz meýdançasynda Latwiýany 3–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşyklaryň ikisinde-de Razwan Marin penaltiden tapawutlanmagy başardy.



**1-nji toparça:** Azerbaýjan — Şwesiýa: 1–3, Estoniýa — Slowakiýa: 0–1; Slowakiýa — Azerbaýjan: 2–0, Şwesiýa — Estoniýa: 3–0

**2-nji toparça:** Litwa — Kipr: 0–1, Kosowo — Rumyniýa: 0–3, Kipr — Kosowo: 0–4, Rumyniýa — Litwa: 3–1

**3-nji toparça:** Belarus — Bolgariýa: 0–0, D. Irlandiýa — Lýuksemburg: 2–0; Lýuksemburg — Belarus: 0–1, Bolgariýa — D. Irlandiýa: 1–0

**4-nji toparça:** Farer adalary — D. Makedoniýa: 1–1, Ermenistan — Latwiýa: 4–1; Latwiýa — Farer adalary: 1–0, D. Makedoniýa — Ermenistan: 2–0

### Resmi duşuşyklardaky ilkinji ýeňiş

► «D» Liganyň 1-nji toparçasynda taryhy waka boldy. Henize çenli resmi duşuşyklarda ýeňiş gazanyp görmedik San Marinonyň ýygyndysy Lihtenşteýniň ýygyndysyny 1–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Serrawalle şäherindäki «San Marino» stadionynda geçirilen duşuşykdaky bu taryhy goly 53-nji minutda Niko Sensoli öz adyna ýazdyrdy. Şunlukda, San Marinonyň ýygyndysy 34 ýyllyk taryhynda ilkinji gezek



resmi duşuşykda ýeňiş gazandy. Bu olaryň umumylykda 2-nji ýeňşi bolup, San Marino taryhyndaky ilkinji ýeňşini 2004-nji ýylda gazanypdy. Şonda ýoldaşlyk duşuşygynda ýene-de Lihtenşteýni 1–0 hasabynda ýeňen San Marinonyň ýygyndysy 2-nji ýeňşi üçin 20 ýyl garaşmaly boldy. Bu futbolyň taryhyndaky iň uzak garaşylan ýeňiş hökmünde hasaba alyndy. San Marinonyň ýygyndysy şu wagta çenli 207 duşuşyk geçirdi. Şolarda 2 ýeňiş gazanyp, 9 gezegem deňme-deň oýnady. 196 oýunda-da utulan San Marinonyň ýygyndysy 34 gol geçirip, 825 gol geçirtdi.

Gibraltar bilen Lihtenşteýniň arasyndaky duşuşyk hem soňky minutlarda has dartgynly geçdi. VAR-yň hasaba almadyk goly, takyk urulmadyk penalti, gyzyl kart we 90-njy minutdan soň geçirilen gollar bilen duşuşyk 2-2 hasabynda deňlikde tamamlandy (Wolker 8, Skanlon 90+7 — Saglam 53, N. Hasler 90+14 p).

**1-nji toparça:** San Marino — Lihtenşteýn: 1–0; Gibraltar — Lihtenşteýn: 2–2

**2-nji toparça:** Moldowa — Malta: 2–0; Andorra — Malta: 0–1

# UEFA-nyň klub ýaryşlarynyň täze formatdaky ilkinji möwsümi

UEFA-nyň ençeme ýyldan soň geçiriliş tertibi üýtgedilen klub ýaryşlarynyň täze möwsüminiň bijeleri awgust aýynyň soňky günlerinde çekilipdi. Geljek hepdäniň dowamynda bolsa, şol ýaryşlara badalga berler. Has takygy, geljek hepdäniň sişenbe, çarşenbe we penşenbe günleri UEFA Çempionlar Ligasynyň 70-nji möwsüminiň ilkinji duşuşyklary geçiriler. Ýewropa Ligasynyň 54-nji möwsüminiň ilkinji duşuşyklary bolsa 25-26-njy sentýabrda, UEFA-nyň täze hasaplanýan ýaryşy Konferensiýa Ligasynyň 4-nji möwsüminiň duşuşyklary-da 2-3-nji oktýabrda oýnalar.

Eýsem, täze formatdaky bu 3 ýaryşa haýsy ýurtdan näçe klub gatnaşýar. Haýsy ýurtlaryň wekilleri haýsy ýaryşda çykyş eder? UEFA-nyň 3 klub ýaryşynyň başlanmagynyň öňüsyrasynda şol bäsleşikleriň täze möwsümi bilen baglanyşykly käbir gyzykly maglumatlary siziň dykgatyňyza ýetirýäris.



Bilşiňiz ýaly, UEFA-nyň düzüminde 55 agza ýurt bolup, umumylykda şolaryň 40-synyň wekili şu ýylky klub ýaryşlaryna gatnaşýar. Çempionlar Ligasynda 16, Ýewropa Ligasynda 22, Konferensiýa Ligasynda bolsa 29 ýurduň kluby çykyş eder. 8 ýurduň (Italiýa, Germaniýa, Angliýa, Ispaniýa, Portugaliýa, Belgiýa, Çehiýa, Şotlandiýa) klublary 3 ýaryşa-da gatnaşýar.

Umumylykda her bäsleşikde 36, jemi 108 klub UEFA-nyň 3 ýaryşynda çykyş eder. Şol 108 klubuň 8-si Italiýadan, 8-si Germaniýadan bolup, bu iki ýurt 2024/25 möwsüminde iň köp klub ugradan ýurtlardyr. Ispaniýadan, Angliýadan 7, Fransiýadan 6, Portugaliýadyr Belgiýadan hem-de Niderlandlardan 5 klub gatnaşýar. Awstriýa, Çehiýa, Türkiýe 4, Şotlandiýa, Şweýsariýa, Gresiýa, Şwesiýa, Kipr 3, Ukraina, Serbiýa, Norwegiýa, Daniýa, Sloweniýa hem-de Polşa 2 klub ugradan ýurtlardyr. 13 ýurt bolsa 1 klub bilen wekilçilik eder.

Möwsümiň ahyrynda haýsy ýurtdan haýsy klublar finala çykar ýa-da kuboklar haýsy ýurtlaryň klublarynyň futbolçylarynyň ellerinde asmana göteriler?

Stambul 4 klub bilen wekilçilik edip, ol iň köp klub ugradan şäherdir. Londonyň 3, Madrid, Mançester, Milan, Rim, Brýussel, Brýugge, Praga, Glazgo, Lissabon, Nikosiýa şäherleriniňem 2 kluby ýaryşa gatnaşýar.

Çempionlar Ligasynda ilkinji gezek 2 ýurtdan 5 klub gatnaşyp, mundan öň Ispaniýadan 3, Angliýadanam 1 gezek 5 topar bir möwsümde toparçalarda çykyş edipdi. Angliýadyr Ispaniýadan hem-de ilkinji gezek Fransiýadan 4 klub ýaryşa gatnaşar.

Fransiýanyň «Brest», Ispaniýanyň «Žirona», Angliýanyň «Aston Willa», Italiýanyň «Bolonýa» hem-de Slowakiýanyň «Slowan Bratislawa» klublary bu ýaryşa ilkinji gezek gatnaşar. «Aston Willa» bilen «Bolonýa» ýaryşyň irki ýyllarynda çykyş edenem bolsalar, Çempionlar Ligasy adyny alanyndan soň ilkinji ýola duşuşyk geçirerler. «Brest» bilen «Žirona» toparlary taryhlarynda ilkinji gezek UEFA-nyň ýaryşlaryna wekilçilik ederler.

Ýewropa Ligasynda çykyş edýän Latwiýanyň RFS topary UEFA-nyň 2-nji derejeli bäsleşiginiň final tapgyryna ilkinji gezek gatnaşyp, olar 2022/23 möwsüminde Konferensiýa Ligasynyň toparçalarynda oýnapdy.




UEFA Konferensiýa Ligasynda çykyş etjek «Boras», «Selýe», «Serkl Brýugge», «Haýdenhaým», «Ýagelloniýa», «Larn», «Noa», «Pafos», «Petrokub», «Nýu-Seýnts», «Wikingur» toparlary UEFA-nyň ýaryşlaryna ilkinji gezek gatnaşýar. Şolardan «Larn» bilen «Nýu-Seýnts» toparlary öz ýurtlarynyň adyndan, ýagny Demirgazyk Irlandiýa hem-de Uelsiň adyndan UEFA-nyň ýaryşlarynyň final tapgyryna gatnaşýan ilkinji klublardyr.

Türkiýäniň adyndan 4 klub wekilçilik etse-de, olaryň hiç biri Çempionlar Ligasyna gatnaşmaz. Ýewropa Ligasyna 3 klub ugradan Türkiýäniň 1 kluby Konferensiýa Ligasynda çykyş eder. Niderlandlaryň 5 kluby bolsa-da, olaryň hiç biri Konferensiýa Ligasynda çykyş etmez. Ýewropa Ligasynda iň köp kluby bolan ýurtlar Türkiýe bilen Niderlandlardyr. 6 klub bilen wekilçilik edýän Fransiýadanam hiç bir topar Konferensiýa Ligasynda çykyş etmez.

Ýewropa Konferensiýa Ligasynda iň köp topary bolan ýurt Kiprdir. Futbolda o diýen öňdebaryjy bolmadyk ýurtlaryň klublaryna kubok gazanmaga mümkinçilik berýän UEFA-nyň täze ýaryşynda Kipriň Nikosiýa şäherinden 2 – APOEL bilen «Omoniýa» hem-de Pafos şäheriniň adybir kluby ýaryşda çykyş eder.

Ermenistanyň wise-çempiony «Noa» topary Konferensiýa Ligasynda ähli saýlama tapgyrynda garşydaşlaryndan üstün çykyp, final tapgyryna çykan ilkinji klub boldy.

| Ýurtlar | Jemi klub sany UÇL, UÝL, UKL | | | | GATNAŞÝAN KLUBLAR (UEFA Çempionlar Ligasy, UEFA Ýewropa Ligasy, UEFA Konferensiýa Ligasy) | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Italiýa | 8 | 5 | 2 | 1 | Inter | Milan | Ýuwentus | Atalanta | Bolonýa | Roma | Lasio | Fiorentina |
| Germaniýa | 8 | 5 | 2 | 1 | Baýer | Ştutgart | Bawariýa | RB Leipsig | Borussiýa D | Aýntraht | Hoffenhaým | Haýdenhaým |
| Angliýa | 7 | 4 | 2 | 1 | Mançester Siti | Liwerpul | Arsenal | Aston Willa | Man. Ýunaýted | Tottenham | Çelsi | |
| Ispaniýa | 7 | 4 | 2 | 1 | Real Madrid | Barselona | Atletiko | Žirona | Real Sosiedad | Atletik Bilbao | Betis | |
| Fransiýa | 6 | 4 | 2 | — | Pari Sen-Žermen | Lill | Monako | Brest | Lion | Nissa | | |
| Portugaliýa | 5 | 2 | 2 | 1 | Sporting | Benfika | Porto | Braga | Witoriýa | | | |
| Belgiýa | 5 | 1 | 2 | 2 | Klub Brýugge | Ýunion S.Žilluaz | Anderleht | Gent | Serkl Brýugge | | | |
| Niderlandlar | 5 | 2 | 3 | — | PSW | Feýenoord | Aýaks | AZ | Twente | | | |
| Awstriýa | 4 | 2 | — | 2 | RB Salsburg | Şturm Gras | LASK | Rapid Wena | | | | |
| Çehiýa | 4 | 1 | 2 | 1 | Sparta Praga | Slawiýa Praga | Wiktoriýa Plzen | Mlada Boleslaw | | | | |
| Türkiýe | 4 | — | 3 | 1 | Fenerbahçe | Galatasaraý | Beşiktaş | Istanbul BŞ | | | | |
| Şotlandiýa | 3 | 1 | 1 | 1 | Seltik | Reýnjers | Hart of Midlotion | | | | | |
| Şweýsariýa | 3 | 1 | — | 2 | Ýang Boýz | Lugano | Sankt-Gallen | | | | | |
| Gresiýa | 3 | — | 2 | 1 | Olimpiakos | PAOK | Panatinaikos | | | | | |
| Şwesiýa | 3 | — | 2 | 1 | Malmö | Elfsborg | Ýurgorden | | | | | |
| Kipr | 3 | — | — | 3 | APOEL | Omonia | Pafos | | | | | |
| Ukraina | 2 | 1 | 1 | — | Şahtýor Donesk | Dinamo Kiýew | | | | | | |
| Serbiýa | 2 | 1 | — | 1 | Srwena Zwezda | TSS | | | | | | |
| Norwegiýa | 2 | — | 1 | 1 | Bude-Glimt | Molde | | | | | | |
| Daniýa | 2 | — | 1 | 1 | Midtýullann | Kopengagen | | | | | | |
| Sloweniýa | 2 | — | — | 2 | Olimpiýana | Selýe | | | | | | |
| Polşa | 2 | — | — | 2 | Legia | Ýagelloniýa | | | | | | |
| Horwatiýa | 1 | 1 | — | — | Dinamo Zagreb | | | | | | | |
| Slowakiýa | 1 | 1 | — | — | Slowan Bratislawa | | | | | | | |
| Ysraýyl | 1 | — | 1 | — | Makkabi T | | | | | | | |
| Wengriýa | 1 | — | 1 | — | Ferenswaroş | | | | | | | |
| Azerbaýjan | 1 | — | 1 | — | Garabag | | | | | | | |
| Bolgariýa | 1 | — | 1 | — | Ludogores | | | | | | | |
| Rumyniýa | 1 | — | 1 | — | FKSB | | | | | | | |
| Latwiýa | 1 | — | 1 | — | RFS | | | | | | | |
| Ermenistan | 1 | — | — | 1 | Noa | | | | | | | |
| Islandiýa | 1 | — | — | 1 | Wikingur | | | | | | | |
| Irlandiýa | 1 | — | — | 1 | Şamrok Rowers | | | | | | | |
| D. Irlandiýa | 1 | — | — | 1 | Larn | | | | | | | |
| Bosniýa | 1 | — | — | 1 | Boras Banýa-Luka | | | | | | | |
| Gazagystan | 1 | — | — | 1 | Astana | | | | | | | |
| Moldowa | 1 | — | — | 1 | Petrokub | | | | | | | |
| Uels | 1 | — | — | 1 | Nýu-Seýnts | | | | | | | |
| Finlýandiýa | 1 | — | — | 1 | HIK | | | | | | | |
| Belarus | 1 | — | — | 1 | Dinamo Minsk | | | | | | | |













# Ronaldo – 900 goldan geçen ilkinji futbolçy

UEFA Milletler Ligasynyň täze möwsümine badalga berlip, «A» Liganyň 1-nji toparçasynda Portugaliýanyň ýygyndysy öz meýdançasynda ilki Horwatiýany, soňam Şotlandiýany 2-1 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Her duşuşykda-da toparynyň 2-nji goluny geçiren 39 ýaşyndaky Kristiano Ronaldo ýene bir ýola adyny taryha altyn harplar bilen ýazdyrmagy başardy. Horwatiýa bilen bolan duşuşygyň 34-nji minutynda geçiren goly onuň karýerasyndaky 900-nji gol hökmünde hasaba alyndy. Şeýlelikde, ol futbolyň taryhynda resmi duşuşyklarda 900 gola ýeten ilkinji futbolçy boldy. 2-nji duşuşykda bolsa 2-nji ýarymyň başynda oýna giren Ronaldo 88-nji minutda toparyna ýeňiş getiren goly geçirdi. Gollarynyň sany 901-e ýeten Ronaldo milli ýygyndyda 132-nji gezek tapawutlandy. Şotlandiýanyň ýygyndysy onuň gol geçiren 48-nji milli topary bolup, ol bu görkeziji boýunça hem rekordyň eýesidir. Ýagny Ronaldo iň köp milli ýygyndynyň derwezesinden gol geçiren futbolçydyr.

Ronaldonyň karýerasy boýunça geçiren gollaryny seljerenimizde, 1-nji goly bilen 100-nji golunyň arasyndan köp wagt geçýär. Ýagny Ronaldo 100-nji goly üçin 6 ýyl garaşmaly bolýar. Ýöne ondan soňky her 100 gola 2 ýa-da 3 ýyldan ýetýär. Hatda 400-nji goly bilen 500-nji golunyň arasynda 1 ýyldan sähel gowrak wagt bar.

Ronaldo karýerasyndaky ilkinji goluny 22 ýyl ozal, 2002-nji ýylyň 7-nji oktýabrynda «Sportingde» oýnaýan mahaly «Moreirense» toparynyň derwezesinden geçirýär. Onuň 100-nji goly 2008-nji ýylda, 6 ýyldan soň hasaba alynýar. «Mançester Ýunaýtediň» köýnekçesi bilen 2008-nji ýylyň 27-nji ýanwarynda «Tottenhamyň» derwezesinden geçiren goly onuň 3 sifrli sanly gollarynyň ilkinjisi bolýar. Ronaldo 200-njiden 600-nji goluna çenli ýubileý gollarynyň ählisini «Real Madridde» oýnaýan döwründe geçirýär. 200-nji goluny 2010-njy ýylyň 4-nji dekabrynda «Walensiýanyň», 300-nji goluny 2012-nji ýylyň 5-nji maýynda «Granadanyň», 400-nji goluny 2014-nji ýylyň 6-njy ýanwarynda «Seltanyň», 500-nji goluny 2015-nji ýylyň 30-njy sentýabrynda Çempionlar Ligasynyň çäginde Şwesiýanyň «Malmö» toparynyň, 600-nji goluny hem Çempionlar Ligasynyň çäginde, 2017-nji ýylyň 3-nji iýunynda, finalda «Ýuwentusyň» derwezesinden girizýär. 700-nji goly milli toparda Portugaliýanyň ýygyndysy bilen 2019-njy ýylyň 14-nji oktýabrynda Ukrainanyň derwezesinden salýar. 800-nji goly 100-nji goluny geçiren klubunda «Mançester Ýunaýtediň» köýnekçesi bilen hasaba alynýar. 2021-nji ýylyň 2-nji dekabrynda «Arsenalyň» derwezesinden girizen goly onuň 800-nji goly bolýar. 900-nji goluny Portugaliýanyň düzüminde geçirendigini ýokarda belläpdik.




Ýyllara seredenimizde, Ronaldo kalendar senenamasy boýunça hasaba alnanda, 23 ýyldan bäri professional derejede futbol oýnap gelýär. Esasanam, 30 ýaşdan soň gollarynyň sany juda köpelen super ýyldyzyň iň az gol geçiren senesi 2003-nji ýyl (1 gol), iň köp gol geçiren senesi-de 2013-nji ýyl bolýar (69). Ol 4 ýyl yzly-yzyna 60-dan köp, 7 ýylam yzly-yzyna 50-den köp gol salýar. Soňky ýyllarda iň az gol geçiren senesi-de 2022-nji ýyl bolýar. Şol ýyl «Mançester Ýunaýtedden» «Al Nassra» transfer bolan super ýyldyz 16 gol geçirýär. Ondan soň bolsa ýene-de, öňki ýoluny dowam etdirýär we geçen ýyly 54 gol bilen tamamlaýar.

Ronaldo 2002-nji ýylda 5, 2003-nji ýylda 1, 2004-nji ýylda 13, 2005-nji ýylda 15, 2006-njy ýylda 25, 2007-nji ýylda 34, 2008-nji ýylda 35, 2009-njy ýylda 30, 2010-njy ýylda 48, 2011-nji ýylda 60, 2012-nji ýylda 63, 2013-nji ýylda 69, 2014-nji ýylda 61, 2015-nji ýylda 57, 2016-njy ýylda 55, 2017-nji ýylda 53, 2018-nji ýylda 49, 2019-njy ýylda 39, 2020-nji ýylda 44, 2021-nji ýylda 47, 2022-nji ýylda 16, 2023-nji ýylda 54 goly öz adyna ýazdyrýar. Şu ýyl bolsa häzirlikçe 25 gol geçiren Ronaldonyň umumylykda gollarynyň sany 901-e deňdir. Onuň 1000 gola ýetip-ýetmejekdigini wagt görkezer. Ýöne ony 1000-e ýetirmek üçin azyndan 2–3 ýyl gerek, bu bolsa Ronaldonyň 41-42 ýaşyna çenli oýnamalydygyny aňladýar.

Ronaldo milli ýygyndyda 214 duşuşykda 132 gol geçirdi. Iki görkeziji boýunça-da rekord portugaliýaly ýyldyza degişli bolup, ol 80 goly 30 ýaşyndan soň derweзä girizdi. Bu bolsa öz ýygyndylarynda iň köp gol geçiren birnäçe ýyldyz oýunçynyň milli rekordlaryndan hem ýokary diýmekdir. Mysal üçin, braziliýaly Neýmar 79, germaniýaly Miroslaw Kloze 71, urugwaýly Luis Suares 69, angliýaly Harri Keýn 68, kot-d'iwuarly Didie Drogba 62, şwesiýaly Zlatan Ibrahimowiç 62, ispaniýaly Dawid Willa 59, fransiýaly Oliwie Žiru 59, kamerunly Samuel Eto'o 56, niderland Robin Wan Persi 50 gol geçirip, olar öz milli ýygyndylarynyň iň netijeli futbolçylarydyr. Käbirleriniň karýerasy dowam edýän şu ady agzalan ýyldyz oýunçylaryň geçiren gollary Ronaldonyň 30 ýaşyndan soň Portugaliýanyň düzüminde geçiren gollaryndan az boldy.

Ronaldo 500-nji goluny 30 ýaşynda geçiripdi. Galan 401 goly bolsa soňky 9 ýylda, 30 ýaşdan soň geçirmegi başarýar. Ronaldo geçiren gollarynyň deň ýarysyny diýen ýaly, ýagny 450-sini «Real Madridde» çykyş eden 9 ýylynda derwezä girizýär. Ol «Mançester Ýunaýtedde» 145, «Ýuwentusda» 101, «Al Nassrda» 68, «Sportingde» 5, şol sanda milli ýygyndyda 132 gol geçirýär.

# Hem Argentina, hem-de Braziliýa ýeňildi

Dünýä Kubogynyň saýlama tapgyrynyň Günorta Amerika zolagynda 7-8-nji duşuşyklar geçirildi. Argentinanyň ýygyndysy Messisiz geçiren bu oýunlarynda 3 utuk gazandy. Öz meýdançasynda Çilini Mak Allisteriň, Alwaresiň hem-de Dibalanyň gollary bilen 3–0 hasabynda ýeňen Argentina myhmançylykda Kolumbiýadan asgyn geldi. 2–1 hasabynda ýeňiş gazanan Kolumbiýanyň gollaryny Moskera (25) bilen Hames Rodriges (60 p) geçirdi. Argentinadan Niko Gonzalesiň 48-nji minutdaky goly ýeňşe ýetmedi. Şunlukda, Argentinanyň ýygyndysy soňky 5 ýylda 3-nji gezek ýeňlişe sezewar boldy. Tangoçylar 12 oýundan bäri ýeňiş gazanyp gelýärdi.



GÜNORTA AMERIKA ZOLAGY

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | ARGENTINA | 8 | 6 | 0 | 2 | 12-4 | 18 |
| 2 | KOLUMBIÝA | 8 | 4 | 4 | 0 | 9-5 | 16 |
| 3 | URUGWAÝ | 8 | 4 | 3 | 1 | 13-5 | 15 |
| 4 | EKWADOR | 8 | 4 | 2 | 2 | 6-4 | 11 |
| 5 | BRAZILIÝA | 8 | 3 | 1 | 4 | 9-8 | 10 |
| 6 | WENESUELA | 8 | 2 | 4 | 2 | 6-7 | 10 |
| 7 | PARAGWAÝ | 8 | 2 | 3 | 3 | 2-3 | 9 |
| 8 | BOLIWIÝA | 8 | 3 | 0 | 5 | 10-15 | 9 |
| 9 | ÇILI | 8 | 1 | 2 | 5 | 4-12 | 5 |
| 10 | PERU | 8 | 0 | 3 | 5 | 2-10 | 3 |

Braziliýanyň ýygyndysy bolsa öz meýdançasynda Ekwadory Rodrigonyň 30-njy minutdaky ýeke-täk goly esasynda kynlyk bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. Braziliýanyň ýygyndysy 2-nji duşuşygynda myhmançylykda Paragwaýdan Diego Gomesiň 20-nji minutda geçiren goly esasynda 1-0 hasap bilen ýeňildi. Bu olaryň şu gezekki saýlama tapgyryndaky 4-nji ýeňlişidir. Ýagny sambaçylar 8 oýnuň deň ýarysynda ýeňlişe sezewar boldular. Urugwaýyň ýygyndysy ilki Paragwaý bilen, soňra myhmançylykda Wenesuela bilen golsuz deňme-deň oýnady. Bu gezekki oýunlaryň öňe çykan topary Boliwiýanyň ýygyndysy bolup, olar 2 duşuşykda ýeňiş gazanmagy başardy. Öz meýdançasynda Wenesuelany 4-0 hasabynda ýeňen Boliwiýa myhmançylykda Çiliden 2-1 hasabynda üstün çykdy. 1-nji oýundaky gollary Ramiro Wako (13), Algaranýas (45+5 p), Terseros (46) hem-de Monteiro (89), 2-nji duşuşykda bolsa ýene-de Algaranýas (13) bilen Terseros (45+1) geçirdi.

Boliwiýa – Wenesuela: 4-0, Argentina – Çili: 3-0, Urugwaý – Paragwaý: 0-0, Braziliýa – Ekwador: 1-0, Peru – Kolumbiýa: 1-1;

Kolumbiýa – Argentina: 2-1, Çili – Boliwiýa: 1-2, Ekwador – Peru: 1-0, Wenesuela – Urugwaý: 0-0, Paragwaý – Braziliýa: 1-0

# Markes ýene-de ýeňiş gazandy

Moto GP boýunça möwsümiň 13-nji ýaryşy San Marino «Gran Prisi» Rimini şäherinde geçirildi. Şäherdäki 4,2 kilometrlik Misano Marko Simonçelliniň adyny göterýän halkara trassasynda geçirilen 27 aýlawdan ybarat ýaryşda «Giresini Ducati» toparynyň ispan sürüjisi Mark Markes ýeňiş gazandy. Ol 9-njy bolup başlan ýaryşyny 42 minut 52,083 sekuntda tamamlady. Bu onuň şu möwsümdäki bassyr 2-nji, karýerasyndaky 61-nji ýeňşi hökmünde hasaba alyndy. Iki hepde öň 3 ýyldan soň ilkinji ýeňşini gazanan Mark Markes 2021-nji ýyldan bäri yzly-yzyna 2 ýaryşy birinjilik bilen tamamlamagy başardy.




Ýaryşda «Ducati Lenovo» toparynyň italýan sürüjileri 2-3-nji orunlary eýelediler. Ýeňijiden 3,1 sekunt yza galan Françesko Banaia 2-nji, 5,4 sekunt soň pellehana gelen Enea Bastianini 3-nji orna mynasyp boldy.

Bu ýaryşdan soň «Prima Pramac» toparynyň ispan sürüjisi Horge Martin 312 utuk bilen liderligini dowam etdirýär. Ýöne Françesko Banaia utuk aratapawudyny 7-ä düşürdi. Onuň 305 utugy bar. Möwsümiň tamamlanmagyna 7 ýaryş galanda, yzly-yzyna 2 ýeňiş gazanyp, çempionlyk ýaryşyna goşulan Mark Markes 259 utuk bilen 3-nji ýerde barýar. Çempionlygyň başga bir dalaşgäri 4-nji orunda barýan Enea Bastianininiň 250 utugy bar.

Moto GP-de möwsümiň 14-nji ýaryşy 22-nji sentýabrda Emilia-Romano «Gran Prisi» ýene-de Rimini şäherindäki Misano Marko Simonçelliniň adyny göterýän halkara trassada geçiriler.

# XVII tomusky Paralimpiýa oýunlary tamamlandy

Parižde geçirilen XVII tomusky Paralimpiýa oýunlary tamamlandy. 12 günläp dowam eden oýunlarda medal sanawynda hytaýly paralimpiýaçylar 1-nji orny eýelediler. Hytaýly paralimpiýaçylar 2004-nji ýyldan bäri tomusky oýunlarda medal sanawynda 1-nji orny eýeläp gelýärler. Bassyr 6-njy gezek 1-nji orny eýelän Hytaý Parižde 94 altyn, 76 kümüş, 50 bürünç, jemi 220 medal gazandy. Beýik Britaniýadan wekilçilik eden paralimpiýaçylar 49 altyn, 44 kümüş, 31 bürünç, jemi 124 medal gazanyp, 2-nji orna mynasyp boldy. ABŞ-nyň türgenleri 36 altyn, 42 kümüş, 27 bürünç, jemi 105 medala eýelik etdi we bu ugurda Pariž Paralimpiadasyny 3-nji bolup tamamlady. Niderlandlaryň (27 altyn, 17 kümüş, 12 bürünç, jemi 56 medal) 4-nji bolan sanawynda Bitarap paralimpiýaçylar, ýagny Russiýa we Belarusdan gatnaşan türgenler (26 altyn, 22 kümüş, 23 bürünç, jemi 71 medal) 5-nji orny eýelediler. Jemi 85 ýurt azyndan 1 medal gazanyp, şolaryň 67-siniň altyn medaly bar.

